TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– GAZAGYSTAN RESPUBLIKASY BILEN DÄP BOLAN DOSTLUK GATNAŞYKLARY BIZIŇ HALKLARYMYZY BIRLEŞDIRÝÄN KÖPÝYLLYK HOŞNIÝETLI GOŇŞUÇYLYK, ÖZARA DÜŞÜNIŞMEK ÝÖRELGELERINE DAÝANÝAR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
9-njy awgust, 2024. Belgisi 32/1598



5-nji awgustda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň we Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýewiň arasynda telefon arkaly söhbetdeşlik boldy.

# IKITARAPLAÝYN DÖWLETARA HYZMATDAŞLYK ÄHLI UGURLARDA OKGUNLY ÖSDÜRILÝÄR

Döwlet Baştutanlary birek-birek bilen mähirli salamlaşyp, strategik häsiýete eýe bolan türkmen-gazak gatnaşyklarynyň ýokary derejesini kanagatlanma bilen bellediler.

Söhbetdeşligiň dowamynda hormatly Prezidentimiz döwletara hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de ösdürilmegine gönükdirilen tagallalary üçin Prezident Kasym-Žomart Tokaýewe tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirdi. Döwlet Baştu tanymyzyň belleýşi ýaly, Gazagystan Respublikasy bilen däp bolan dostluk gatnaşyklary biziň halklarymyzy birleşdirýän köpýyllyk hoşniýetli goňşuçylyk, özara düşünişmek ýörelgelerine daýanýar. Şeýle hem iki döwletiň halkara giňişlikde, halkara guramalaryň, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasynyň çäklerinde ýakyndan hyzmatdaşlyk edýändigi, ählumumy, sebit syýasatynyň möhüm meseleleri boýunça garaýyşlarynyň gabat gelýändigi ýa-da ýakyndygy, birek-biregiň başlangyçlaryny goldaýandyklary nygtaldy.

Prezident Kasym-Žomart Tokaýew hoşniýetli sözler üçin hoşallyk bildirip, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowy Gazagystana sapar bilen gelmäge hem-de Astanada geçiriljek Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň altynjy konsultatiw duşuşygyna we «Merkezi Aziýa – Ýaponiýa» dialogynyň birinji sammitine gatnaşmaga uly hormat bilen çagyrýandygyny beýan etdi.

Döwlet Baştutanymyz çakylyk üçin gazak kärdeşine minnetdarlyk bildirip, çakylygy hormat bilen kabul etdi hem-de öňde boljak duşuşyklarda beýan ediljek başlangyçlaryň sebitde hyzmatdaşlygyň täze mümkinçiliklerini kesgitlemäge ýardam berjekdigine ynam bildirdi we olaryň üstünlikli geçirilmegini arzuw etdi.

Söhbetdeşligiň dowamynda dürli ugurlarda okgunly ösdürilýän ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlary boýunça gyzyklanma bildirilip pikir alşyldy. Munuň özi söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer ulgamlary, halkara giňişlikde hyzmatdaşlygy utgaşdyrmak ýaly meseleleri öz içine alýar.

Bilelikdäki taslamalary, hususan-da, gaz, energetika pudaklarynda, üstaşyr ulag ulgamynda taslamalary durmuşa geçirmek meselesi giňişleýin ara alnyp maslahatlaşyldy. Prezidentler Serdar Berdimuhamedow we Kasym-Žomart Tokaýew döwletara hyzmatdaşlygyň möhüm ugurlarynyň biri bolan ulag ulgamyna aýratyn üns çekip, ozal gazanylan ylalaşyklary amala aşyrmagyň wajypdygyny nygtadylar.

Bellenilişi ýaly, yzygiderli ýagdaýda geçirilýän hem-de ynanyşmak häsiýetine eýe bolan ýokary derejedäki duşuşyklar türkmen-gazak gatnaşyklaryny pugtalandyrmakda aýratyn orny eýeleýär. Şunuň bilen baglylykda, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýakynda hormatly myhman hökmünde Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň sammitine gatnaşmak üçin Astana şäherine amala aşyran saparynyň ähmiýeti nygtaldy. Ikitaraplaýyn gepleşikleriň, hyzmatdaşlygyň möhüm meseleleriniň birnäçesine garalan «ŞHG+» görnüşindäki duşuşygyň jemleriniň iki ýurduň arasyndaky netijeli gatnaşyklaryň çuňlaşdyrylmagyna uly goşant boljakdygyna ynam bildirildi.

Astanada beýik türkmen şahyry we akyldary Magtymguly Pyragynyň ýadygärliginiň oturdylandygy, onuň türkmen halkynyň Milli Lideriniň dostlukly ýurda saparynyň çäklerinde Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Gazagystan Respublikasynyň Parlamentiniň Senatynyň Başlygynyň gatnaşmagynda 4-nji iýulda dabaraly ýagdaýda açylandygy bellenildi. Aşgabatda bolsa meşhur gazak şahyry we filosofy Abaý Kunanbaýewiň özboluşly kompozisiýany özünde jemleýän heýkeli bina ediler. Bularyň ählisi biziň halklarymyzyň arasyndaky taryhy taýdan emele gelen dost-doganlyk gatnaşyklarynyň mizemezdiginiň nyşanydyr.

Pursatdan peýdalanyp, Prezident Kasym-Žomart Tokaýew Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowa mähirli salamyny we iň gowy arzuwlaryny beýan etdi.

Söhbetdeşligiň barşynda täze wehimleriň ýüze çykýan şertlerinde sebit derejesinde tagallalaryň utgaşdyrylmagynyň möhümdigi bellenildi. Şunda Türkmenistanyň sebitiň ähli döwletleri bilen dost-doganlyk, hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklarynyň mundan beýläk-de pugtalandyrylmagyna berk ygrarlydygy tassyklanyldy.

Dostlukly ýurduň Baştutany telefon söhbetdeşliginiň ahyrynda türkmen kärdeşini Gazagystanda geçiriljek möhüm forumlara uly hormat bilen çagyrýandygyny ýene-de bir gezek mälim etdi.

Prezidentler Serdar Berdimuhamedow we Kasym-Žomart Tokaýew hoşlaşanlarynda, birek-birege berk jan saglyk, jogapkärli döwlet işinde üstünlikleri, Türkmenistanyň hem-de Gazagystanyň doganlyk halklaryna bolsa parahatçylyk, ösüş, abadançylyk arzuw etdiler.

# HALK MASLAHATY – DÖWLETLILIKDEN NYŞAN

*Ýakynda «Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisini çagyrmak we guramaçylykly geçirmek hakynda» Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň Kararynyň tassyklanylmagy şatlykly wakalaryň biri boldy. Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 33 ýyllyk baýramynyň öňüsyrasynda, ýagny 24-nji sentýabrda Aşgabat şäherindäki Maslahat köşgünde geçiriljek Halk Maslahatynyň mejlisiniň ýurdumyzyň jemgyýetçilik-syýasy durmuşynda möhüm ähmiýetli waka öwrüljekdigi şübhesizdir.*

Ýurdumyzyň durmuşynyň ähli ugurlaryny gurşap alan beýik ösüş-özgertmelerde Halk Maslahatynda kabul edilýän çözgütleriň ähmiýeti uludyr. Şeýle özgertmeleriň bilim ulgamynda hem barha giň gerim alýandygy uly ruhubelentlik döredýär. Berkarar Watanymyzda bilim-terbiýeçilik ojaklarynyň döwrebap binalarynyň yzygiderli gurlup ulanmaga berilmegi, okuw maksatnamalarynyň kämilleşdirilmegi, sanly bilim ulgamynyň we okatmagyň täzeçil usullarynyň ornaşdyrylmagy kämil bilimli, watansöýüji, giň düşünjeli, sagdyn ruhly, berk bedenli nesli kemala getirmäge, bilim işgärleriniň netijeli we döredijilikli zähmet çekmegine şert döredýär.

Türkmen döwletiniň binýatlaýyn esaslaryny has-da berkitmekde beýik işleri bitirýän milli Liderimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň nygtaýşy ýaly, Halk Maslahaty öz mazmuny boýunça ata-babalarymyzyň ýaşululardan maslahat sorap, akyldar, ylymdar, il bähbidini araýan geňeşdarlaryny ýygnap, karara gelmek ýörelgesi bilen umumy esasy aňladyp, syýasaty öwreniş ylmynyň nukdaýnazaryndan alnanda, demokratiýany durmuşa ornaşdyrmagyň bir ugrudyr. Sebäbi munuň özi halkyň wekiliniň döwleti dolandyryş işine gatnaşmagy babatda ýokary mümkinçiliklerini görkezýär.



Halk Maslahaty ýaşulular bilen ýaş nesilleriň arasyndaky baglanyşygy has aýdyň ýüze çykarýar, ony türkmen halkynyň milli garaýyşlary esasynda döwrebap şertlerde, täzeçe çemeleşmeler arkaly has-da ösdürýär. Döwlet derejesinde halkyň ynamdar wekillerine, esasan hem, ýaşululara tutuş jemgyýetiň öňünde durýan wezipeler barada sala salynmagy, olaryň pikirleriniň, tekliplериniň diňlenilmegi halkyň aňyna düýpli täsir edýär. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň hem-de Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň ýanynda Ýaşulular geňeşleriniň döredilmegi, il sylagly ýaşulularyň ile-güne haýyrly, sahawatly işlerde GahrymanArkadagymyzyň geňeşdarlary bolmagy watandaşlarymyzda döwletimiziň adalatly syýasatyna ynamy has artdyryp, uly goldawa eýe bolýar.

Türkmenistanda Halk Maslahatynyň döredilmeginiň maksady hem döwletimiziň Garaşsyzlyk ýyllarynda gazananlaryny has-da berkitmek, ýurdumyzy ösüşiň has ýokary derejelerine çykarmak üçin ählihalk hereketini ýaýbaňlandyrmak, döwlet ähmiýetli meseleleri çözmäge halk köpçüligini giňden çekmek, teklipleri işläp taýýarlamak, halkymyzyň agzybirligini, bitewüligini, jebisligini mundan beýläk-de pugtalandyrmak bilen baglydyr. 2

# HAZARYŇ TÜRKMEN KENARY – DÜNÝÄ SYÝAHATÇYLYGYNYŇ MERJENI

*Her ýylyň 12-nji awgustynda Hazar deňziniň güni hazarýaka döwletler tarapyndan bellenilýär*

«Awaza» milli syýahatçylyk zolagy gojaman Hazaryň kenarynda döredilen ajaýyp ýer bolup, dünýä syýahatçylygynyň merjenidir. Hazaryň kenaryndaky «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda gurlup ulanmaga berlen sagaldyş we dynç alyş merkezleri, myhmanhanalar, döwrebap kottejler toplumlary, «Awaza» şypahanasy, «Awaza» akwaparky adamlaryň gowy şertlerde dynç almagy, saglygyny berkitmegi üçin döredilen mümkinçiliklerden nyşan. Bu ýerde dynç almak isleýänleriň sany her möwsümde yzygiderli artýar.

Deňiz suwy bejeriş häsiýetli tebigy serişdedir. Hazar deňziniň şypaly suwy, ekologiýa taýdan arassa türkmen kenarynyň hoştap howasy ynsan bedenini taplamakda möhüm ähmiýete eýedir. Deňiz kenarynda gezelenç etmek ukyny kadalaşdyrýar, ýürek-damar ulgamyna oňyn täsir edýär. Deňiz suwunyň düzümindäki duzlaryň hem bejerijilik häsiýeti örän uludyr.

Deňiz bahasyna ýetip bolmajak gymmatlyk hasaplanylýar. Şonuň üçin häzirki döwürde deňziň arassalygyny gorap saklamak, geljekki nesillere ýetirmek möhüm ähmiýete eýedir. Güneşli Diýarymyzda tebigaty, deňziň arassalygyny goramaga gönükdirilen halkara ähmiýetli çäreler hem giň gerimde durmuşa geçirilýär. Bilşimiz ýaly, ýurdumyz Birleşen Milletler Guramasynyň tebigaty goramak bilen baglanyşykly ençeme Konwensiýalaryna goşuldy hem-de öz üstüne ýüklenen borçlary yzygiderli ýerine ýetirip gelýär. Halkara guramalar bilen bilelikde ekologiýa meselelerini çözmäge işjeň gatnaşýar.



Hazar deňzi sebitiň halklarynyň abadançylygynyň ýokarlandyrylmagyna gönükdirilen köp sanly halkara taslamalaryň ähmiýetli bölegi bolup durýar. Özara bähbitli ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmek, maýa goýum ýagdaýyny gowulandyrmak, ygtybarly we howpsuz düzümleri döretmek, ýokary düşewüntli hem-de ekologiýa taýdan arassa tehnologiýalary çekmek ugrundaky tagallalar kenarýaka döwletleriň ileri tutulýan ugurlary bolmagynda galýar. 2

## Ada satuwa çykaryldy

Şotlandiýada 27 gektar meýdany bolan ilatsyz Fladda-Çuaýn adasy 190 müň funt sterlinge satuwa çykaryldy. Bu adanyň taryhy ýadygärlikleri bilen tanalýandygy bellenilýär. 4

## Dünýäniň iň gymmat iýmitleri

Iýmit önümleri adamzat ýaşaýşy üçin esasy serişde bolup, gök önümleriň köp görnüşi ähli ýerde diýen ýaly duş gelýär. Iýmit önümleriniň käbir görnüşi bolsa, belli bir sebitde öndürilmegi bilen tapawutlanyp, dünýäniň iň gymmat tagamlarynyň sanawyny emele getirýär. 5

## Buker baýragynyň uzyn sanawy

2024-nji ýylyň «Buker» baýragynyň uzyn sanawy mälim edildi. Şu ýylky abraýly baýraga hödürlenen 156 kitabyň 13-si sanawda orun aldy. Buker baýragyna dalaşgärleriň ýarysyna golaýy geçen ýyllardaky gatnaşyjylardan ybarat. 6

## Medal sanawynda birinjilik ugrunda ýiti göreş

Tamamlanyp barýan Pariž 2024 XXXIII tomusky Olimpiýa oýunlarynda medal sanawynda 12 günüň netijesi boýunça ABŞ öňde barýar. 7

# HALK MASLAHATY – DÖWLETLILIKDEN NYŞAN

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Halk bilen döwletiň bitewüligi Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň has-da gülläp ösmeginiň, eziz Diýarymyzyň Ýer ýüzündäki abraýynyň artmagynyň, halkymyzyň bagtyýar durmuşda ýaşamagynyň kepilidir. Watanymyzyň mukaddes Garaşsyzlygynyň şanly 33 ýyllyk baýramynyň bellenilýän günlerinde geçiriljek Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky



mejlisinde-de ähliha̧lk ähmiýetli asylly maksatlara gönükdirilen wajyp meseleler halkyň wekilleri bilen bilelikde ara alnyp maslahatlaşylar we il-ýurt bähbitli döwletli çözgütler kabul ediler.

Halk Maslahaty ykdysadyýetiň ähli pudaklarynyň we jemgyýetdäki durmuş gatlaklarynyň bähbitlerini sazlaşdyrmak bilen, ýurt derejesinde bilelikdäki hereketi guraýjy güýç hökmünde çykyş edýär. Bu gün ýurduň iň ýokary wekilçilikli edarasynyň hemaýaty bilen her bir adamyň, döredijilikli zähmetiniň döwlet derejesinde goldanylýandygy, ýokary baha mynasyp bolýandygy Diýarymyzyň ösüşleriniň kepilidir. Bu hem türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň baý durmuş we syýasy tejribesiniň halkymyzyň gurujylyk, döredijilik pähim-paýhasynyň netijesinde amala aşýar.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň alyp barýan işleri ýurdumyzda raýat jemgyýetini kämil derejä çykarmak hem-de türkmen döwletiniň demokratik esaslaryny mundan beýläk-de kämilleşdirmek bilen baglydyr. Görşümiz ýaly, ýurdumyzyň Halk Maslahaty bu gymmatlyklaryň has giňden ýaýbaňlanmagy üçin täze esaslary açýar.

Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisinde garaljak meselelerdir kabul ediljek çözgütler halkymyzy bir maksada – ata Watanymyzyň gülläp ösmegini, ilimiziň abadan we bagtyýar ýaşamagyny üpjün etmek, dünýäde parahatçylygy we howpsuzlygy gazanmak wezipesini amal etmäge birikdirer.

**Amanmyrat ÝARYÝEW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň uly mugallymy.*

# HAZARYŇ TÜRKMEN KENARY – DÜNÝÄ SYÝAHATÇYLYGYNYŇ MERJENI

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Hazar deňziniň biologik serişdelerini gorap saklamak, gaýtadan dikeltmek hem-de peýdalanmak, söwda gämi gatnawyny, syýahatçylygy ösdürmek, Hazaryň düýbüniň uglewodorod serişdelerini özleşdirmek we peýdalanmak boýunça sebit hyzmatdaşlygyny ösdürmekde giň tagallalar edilýär.

Ýeri gelende bellesek, Hazar deňziniň ösümlik we haýwanat dünýäsi ajaýyplygy, täsinligi bilen dünýä ylmynda uly gyzyklanma döredýär. Bu ýerde duş gelýän ösümlikleriň we haýwanlaryň umumy görnüşleriniň 65 göterime golaýy Ýer ýüzünde diňe Hazar deňzinde duşýar. Hazarda suwotularyň 450-den gowrak görnüşi, suwuň dürli gatlaklarynda ýüzüp ýaşaýan ownuk oňurgasyz jandarlaryň 400-e golaý görnüşi mesgen tutupdyr. Hazar deňzi balyk tutulýan we däp bolan balykçylygyň ösen ýeri hökmünde hem meşhurdyr. Hazar deňzinde gyzylbalyklaryň dünýäde iň uly tebigy sürüsi ýaşaýar.

Hazar deňzi bilen bagly meseleler hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzyň alyp barýan daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Türkmenistan bu wajyp ugurdaky halkara hyzmatdaşlygyň işjeň gatnaşyjysy bolup, ähli gyzyklanma bildirýän hyzmatdaşlar bilen, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasynyň çäklerinde netijeli gatnaşyklary



ry çuňlaşdyrmak we giňeltmek ugrunda çykyş edýär. Döwlet Baştutanymyz paýtagtymyz Aşgabatda geçirilen altynjy Hazar sammitinde eden çykyşynda Hazar deňzini «Mümkinçilikler deňzi» diýip atlandyrdy. Hazaryň şypaly deňiz kenary adamlaryň saglygyny berkitmek üçin peýdaly bolsa, onuň ýalpaklygyndaky baý energiýa gorlary ýurtlaryň ykdysady kuwwatyny artdyrmak babatda möhüm ähmiýete eýedir.

**Seýran TAÝJANOW,**
*Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Harby institutynyň talyby.*

# ÖSÜŞLERE BESLENEN DIÝAR

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzy ählitaraplaýyn ösdürmäge gönükdirilen durmuş-ykdysady özgertmeler üstünlikli durmuşa geçirilýär, halk hojalygynyň ähli ugurlarynda belent sepgitlere ýetilýär, ajaýyp üstünlikler gazanylýar, halkymyzyň durmuş derejesi barha ýokarlanýar. Türkmenistanyň Garaşsyzlyk ýyllarynda gazananlaryny has-da berkitmek, ýurdumyzy ösüşiň has ýokary derejelerine çykarmak üçin ähliha̧lk hereketini ýaýbaňlandyrmak, jemgyýetçilik-syýasy, durmuş-ykdysady, medeni-ynsanperwer we kanunçylyk-hukuk ulgamlarynda täze sepgitlere ýetirmek, iň täze taryhymyzda gazanylan üstünlikleri wagyz etmek maksady bilen döredilen bu ýokary wekilçilikli edara halkymyzyň taryhdan öz gözbaşyny alyp gaýdýan maslahatlaşmak, geňeş etmek däbiniň aýdyň subutnamasydyr.



Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 33 ýyllyk toýunyň toýlanýan döwründe ýurdumyzyň ykdysady ösüşlerinden gürrüň etmek has-da ýakymlydyr. Milli ykdysadyýetimiziň ösüşine gönükdirilen ähli maliýe çeşmeleriniň hasabyna maýa goýumlary özleşdirmegiň ösüş depginleri has-da ýokarlanýar. Ykdysadyýetiň önümçilik ulgamyna goýulýan maýa goýumlaryň yzygiderli artdyrylmagy ýurduň ykdysady kuwwatyny berkidýär, milli manadyň kadaly hereketini ýola goýmaga, importyň ornuny tutýan önümleri ýurdumyzda öndürmäge, eksporty artdyrmaga, halkyň iş bilen üpjünçiligini yzygiderli ýokarlandyrmaga, her bir maşgalanyň bagtyýar durmuşyny üpjün etmäge ýardam berýär. 12-nji iýulda hormatly Prezidentimiziň geçiren Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde şu ýylyň 6 aýynda dürli ugurlarda ýerine ýetirilen işleriň jemlerine garaldy. Geçen döwürde jemi içerki önümiň ösüş depgininiň 6,3 göterime ýetirilmegi, halk hojalygynyň ähli pudaklary boýunça önümçiligiň möçberiniň ösüşiniň bellenen çäkde üpjün edilmegi, önümçilik we durmuş maksatly täze desgalaryň ençemesiniň ulanylmaga berilmegi üstünlikli ösüşiň görkezijisidir.

Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzda alnyp barylýan syýasatyň bagtyýar raýatlarymyzyň hal-ýagdaýyny yzygiderli gowulandyrmaga gönükdirilendigini bellemek bilen, 2025-nji ýylyň ýanwaryndan başlap, zähmet haklaryny, pensiýalary, döwlet kömek pullaryny we talyp haklaryny 10 göterim ýokarlandyrmak hakynda Permana gol çekmegi döwletimiziň ynsanperwer syýasatynyň yzygiderli durmuşa geçirilýändigini görkezýär.

Geçen ýarym ýylda milli ykdysadyýet durnukly ösdürilip, bäsdeşlige ukyply, ýokary hilli dürli harytlary öndürýän täze kärhanalary döretmek boýunça zerur işler alnyp baryldy. Häzirki döwürde oba hojalyk pudagyny ösdürmek wezipesi möhüm bolup, ony çözmek üçin oba hojalygynyň öndürijiligini artdyrmak, netijeli hojalyk işlerini alyp barmak, ýerden ylmy esasda peýdalanmak, her gektardan alynýan hasylyň mukdaryny köpeltmek, peýdalanylýan ýerleri suw bilen ygtybarly üpjün etmek boýunça ähli işler alnyp barylýar. Ýurdumyzda bugdaýyň we gowaçanyň bol hasylyny ösdürip ýetişdirmek, daýhanlaryň ýere bolan höwesini artdyryp, yhlasly zähmet çekmekleri üçin oba hojalyk önümlerini öndürijileri ykdysady taýdan höweslendirmek maksady bilen degişli işler geçirilýär.

Umuman, adam hakyndaky alada ýurdumyzda amala aşyrylýan giň möçberli maksatnamalarda, hususan-da, ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ýokary depginli ösüşini dowam etmekde, maýa goýum işjeňligini artdyrmakda, täze iş orunlaryny döretmekde we ýaşaýyş-durmuş şertlerini has gowulandyrmakda, şeýle hem pudaklaýyn anyk maksatnamalary işläp düzmekde öz beýanyny tapýar.

Goý, Watanymyzy ösüşleriň täze mekanyna öwren Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, döwletli tutumlary rowaçlyklara beslensin!

**Gyzylgül PALTAÝEWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň uly mugallymy.*

# 100 müň elektroulag alar

Öz ulagyň bilen taksiçilik hyzmatyny hödürlemäge mümkinçilik berýän «Uber» amerikan kompaniýasy bilen Hytaýyň elektroulag önümçiligi bilen meşgullanýan BYD kompaniýasy möhüm hyzmatdaşlygy ýola goýmagy maksat edinýär. Hyzmatdaşlygyň çäklerinde Hytaý brendi «Uber» üçin 100 müň elektroulag öndürer. Bu ulaglar




Latyn Amerikasy hem-de Ýewropa ýurtlarynda ulanylar. Geljekde iki kompaniýa hyzmatdaşlygyny dünýäniň beýleki sebitlerine hem ýaýratmagy meýilleşdirýär. Iki kompaniýanyň ýolbaşçylarynyň pikirine görä, bu hyzmatdaşlygyň «Uber» taksileriniň sürüjileri üçin ätiýaçlandyryş, maliýe we beýleki hyzmatlar has arzan bolar. Şeýle hem bu taslamanyň durmuşa geçirilmegi elektrik energiýasyna geçişe ýardam eder. Şeýlelikde, iki kompaniýa özbaşdak hereket edýän elektroulagy tanyşdyrmak üçin hem hyzmatdaşlyk eder.

Hytaýyň iň iri elektroulag öndüriji kompaniýasy bolan BYD 2022-nji ýyldan bäri diňe gibrid hem-de dolulygyna elektrik energiýasy bilen işleýän ulaglary öndürip başlady. Şondan bäri BYD ulaglarynyň dünýä ýurtlaryndaky satuwy görnetin ýokarlandy. Hytaýda elektroulaglaryň has arzan görnüşleri öndürilýär.

# TOMUS PASLY ÜÇIN MASLAHATLAR

- Tomus paslynyň talaplaryna laýyklykda geýniň!
- Günüň ýiti şöhlesinden goranmak üçin başgap geýiň, ýaglyk dakynyň!
- Arassa howada gezelenç etmek üçin irden sagat 06:00-dan 09:00-a çenli, öýlän 18:00-dan soň daşarda gezelenç ediň!
- Sagdyn durmuş ýörelgesine eýeriň!
- Bedenterbiýe we sport bilen meşgullanyň!
- Iş ýeriňizde we öýüňizde otaglaryň howasynyň tämiz bolmagyny gazanyň!
- Keseliň ilkinji alamatlary ýüze çykan ýagdaýynda hökman maşgala lukmanyna ýüz tutuň! Derman serişdelerini, şol sanda antibiotikleri özbaşdak ulanmaň!
- Şahsy we jemgyýetçilik arassaçylyk tertip-düzgünleri berjaý ediň!
- Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly köp jiltli ylmy-ensiklopedik kitabynda beýan edilýän dermanlyk ösümliklerden taýýarlanan melhem çaýlary maşgala lukmany bilen maslahatlaşyp yzygiderli içiň!
- Witamin C – askorbin turşusyna baý önümleri iýiň!
- Günüň dowamynda azyndan 5-6 sany



gök önümi we miwe iýiň!
- Gök we miwe önümlerini iýeniňizde arassaçylyk kadalaryny berk berjaý ediň!
- Günüň dowamynda 2 litrden gowrak arassa agyz suwuny içiň!
- Tomus paslynda şöhlat önümlerini we beýleki tiz zaýalanýan önümleri köp iýmekden saklanyň!
- Iýmit zäherlenmeleriň we ýiti içege ýokanç keselleriň öňüni almak maksady bilen, iýmit önümlerine bildirilýän arassaçylyk kadalaryny dogry berjaý ediň, olary söwda merkezlerinden satyn alyň, öý şertlerinde talabalaýyk saklaň we belgileniş nyşanynda görkezilen möhletine laýyklykda saklamagy we ulanmagy unutmaň!
- Howuzlarda we deňizde suwa düşülende suwa düşmegiň düzgünlerini berjaý ediň!
- Kakadylan miweleri maşgala lukmanyňyz bilen maslahatlaşyp iýiň, olaryň mikroelementlere baý önümlerdigini unutmaň!
- Öý şertlerinde azyk önümleriniň gaplanýan wagty gaplama usullarynyň arassaçylyk kadalaryny berk berjaý ediň!

*Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Saglygy goraýşyň habarlar merkezi.*

# SAGDYN DURMUŞ ÜÇIN ENDIKLER

Bilermenler käbir endikleriň sagdyn durmuşda ýaşamak üçin peýdalydygyny belleýärler. Garramagyň gutulgysyzdygy hemmelere mälimdir. Şeýle-de bolsa, käbir endikler adamyň uzak ýyllap sagdyn ýaşamagyna ýardam edýär. «Nature» žurnalyndaky makalada bu endikler barada bellenilip geçilipdir. Ine, şol endikleriň käbiri:



**Oňyn pikirlenmek.** Haýsydyr bir zady ýagşa ýormak ýa-da meseläniň gowy tarapyny görmek adam saglygyna oňyn täsir edýär. Londonyň Patyşalyk kollejiniň hünärmeni Riçard Siowyň pikirine görä, erbet zatlaryň pikirini etmek saglyga oňaýsyz täsir edýär. Oňyn pikirlenmek adamyň gartaşmagy bilen bagly ýüze çykyp biljek keselleriň öňüni almaga ýardam edýär. Bu ýagdaý bedeniň gan aýlanyşynyň hem-de agramynyň kadaly bolmagyna ýardam edýär. Erbet zatlaryň pikirini etmek gan aýlanyşy artdyryp, adamyň tiz garramagyna getirýär.

**Oturyp turmak.** Sagdyn durmuş üçin maşk etmegiň peýdalydygy hemmelere mälimdir. Oturyp turmak bolsa, süňkleri we damarlary güýçlendirmegiň iň gowy maşk hereketleriniň biri hasaplanýar.

**Wagtynda uklamak.** Bilermenler her gün şol bir wagtda uklamagy, uklamak üçin ukyň gelmegine garaşmaly däldigini belleýärler. Şeýlelikde, ukyň gelmese-de, belli bir wagtda uklamagy endik edip bolýar. Geçirilen barlaglara görä, uly ýaşly adamlaryň üçden biri ýeterlik derejede ukusyny almaýar. Ýeterlik derejede uklamazlyk birnäçe nähoşluklara getirip bilýär.

**Sagdyn iýmitlenmek.** Adamyň iýýän iýmiti saglygyna täsir edýär. Merjimek, fasol, noýba we nohut ýaly kösükli ekinleriň dänelerinden taýýarlanan iýmitler adam saglygy üçin has peýdaly.

**Myrat BERDINÝAZOW,**
*Babadaýhan etrap hassahanasynyň lukmany.*

# KÖNE ELEKTRON ENJAMLARDAN ALTYN ALNAR

Angliýanyň Patyşalyk zikgehanasy (Royal Mint) ulanyşdan galan elektron enjamlary gaýtadan işläp, altyn aljakdygyny mälim etdi. Köne elektron enjamlardaky gymmatly metallary almak üçin täze zawodyň gurlandygy aýdyldy. Önümçilik desgasyndaky tehnologiýa platanyň düzümindäki sap arassa altyny 4 minutda çykarmaga mümkinçilik berýär. Munuň üçin bolsa örän az energiýa sarp edilýär.



«Royal Mint» müň ýyldan gowrak wagt bäri ýurtda şaýylyk pullary çykarýar. Uelsde açyljak zawodda platalardaky gymmatly metallar çykarylar. 2022-nji ýylyň mart aýynda gurluşygyna başlanan önümçilik desgasy telefon, ýankompýuter we telewizor ýaly elektron enjamlardan her ýylda 4 müň tonna çenli altyn çykarmaga mümkinçilik berýär. Altyn çykarmak üçin ilki platanyň düzüminde altyn bolan bölegi gyzgynlyk arkaly aýrylar. Soňra altynly bölek başga bir bölüme iberilip, şol ýerde altynlary alnar. Kir ýuwujy maşynlardaky altynlary almak üçin bolsa ergin ulanylar. Ilki altyn ergine garyşdyrylar. Şondan soňra düzüminde altyn bolan ergin süzgüçden geçirilip, tozga görnüşinde alnar. Täze tehnologiýa ýokary hilli, 99,99 göterim arassa altyny almaga mümkinçilik berer.

Birleşen Milletler Guramasynyň maglumatlaryna görä, dünýäde her ýylda 2,6 million tonna elektron zyňyndy emele gelýär. 2022-nji ýylda elektron zyňyndylaryň mukdary 62 million tonna ýetipdir. Bu bolsa, 2010-njy ýyldan bäri elektron enjamlaryň zyňyndylarynyň mukdarynyň 82 göterim köpelendigini görkezýär. Ýagny her geçen ýyl ozalky ýyllardakydan has köp elektron zyňyndy emele gelýär.

**Arslanbek ISKANDAROW,**
*Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň Aşgabat şäheri boýunça müdirliginiň harby gullukçysy, leýtenant.*



## 11 deňiz jandaryna at dakyldy

Suwuň düýbünde häli-häzirem üstünden barylmadyk ýa-da haýsy uruga degişlidigi anyklanmadyk jandarlaryň sany az däl. «Biodiversity Data Journal» atly neşir täze 11 jandara at dakylandygyny mälim etdi. Jandarlaryň haýsy topara degişlidigini anyklamak üçin geçirilen ylmy işlere 10 ýurtdan 25 hünärmen gatnaşypdyr. Ylmy işiň çäginde 5 metrden 7 kilometre çenli çuňlukda ýaşaýan jemi 11 deňiz jandary atlandyrylypdyr.

Ummanlarda jandarlaryň 2 million görnüşiniň ýaşaýandygy çaklanylýar. Häzire çenli anyklananlar bolsa, olaryň örän az bölegini emele getirýär. Iň uly kynçylyk bolsa, üstünden barlan jandaryň haýsy uruga degişlidiginiň ylmy taýdan kesgitlenmegi. Alymlar bir jandaryň haýsy görnüşe degişlidigini 20-40 ýyl aralygynda anyklaýarlar. Bu möhleti azaltmak maksady bilen Umman görnüşleriniň açyşlary (Ocean Species Discoveries) atly täze başlangyç ýola goýuldy. Şeýlelikde, deňiz jandarlarynyň tiz wagtda atlandyrylmagy maksat edinilýär.



## Durmuş gurýanlaryň sany 6 million bolar

Hytaýda ýylyň birinji ýarymynda durmuş gurýanlaryň sany geçen ýylyň degişli döwründäkiden 13 göterim azaldy. Şeýle görkeziji ýylyň galan böleginde hem dowam eden ýagdaýynda 2024-nji ýylyň dowamynda goş birikdirenleriň sanynyň 6 million töweregi boljakdygy bellenilýär. Ýurduň Raýatlyk işleri ministrliginiň maglumatlaryna görä, alty aýda 3 million 43 müň jübüt nikalaşypdyr. Ýylyň ikinji çärýeginde nikalaşanlaryň sany 1 million 46 müň bolup, bu görkeziji birinji çärýekdäkiden 26 göterim az bolupdyr. Geçen ýyl ýurtda 7 million 68 müň jübüt goş birikdiripdir. Bu görkeziji 2016-njy ýylda 11 million 33 müň eken.

Hytaýyň ilaty 2022-nji ýyldan bäri azalyp başlapdy. Ýurduň gury ýer bölegindäki ilaty 2022-nji ýylda 1 milliard 411 million bolan bolsa, geçen ýyl 1 milliard 409 milliona düşüpdi.

Ýurt 1980-nji ýyllarda maşgalalaryň birden köp çaga edinmeklerini çäklendiripdi. 2016-njy ýylda ikinji, 2021-nji ýylda üçünji çagany edinmäge rugsat berlen hem bolsa, çaga dogluşynyň azalyşy dowam etdi.



## Asman giňişliginde Gün energiýasyny ýygnar

Merkezi edarasy ABŞ-nyň Florida ştatynda ýerleşýän «Star Catcher» atly kompaniýa Ýeriň orbitasynda Gün panellerini oturdyp, elektrik energiýasyny almagy meýilleşdirýär. Ýygnalan elektrik energiýasy beýleki kosmos gämilerine we enjamlaryna iberiler. Taslamany durmuşa geçirmek üçin ilkinji emeli hemranyň geljek ýyl uçurylmagyna garaşylýar. Taslamanyň çäginde jemi 200 sany Gün panelli emeli hemra uçurylar. Kompaniýa taslamany durmuşa geçirmek üçin 12,25 million dollar toplapdyr. Kompaniýa emeli hemralar üçin birmeňzeş infrastrukturany döretmegi meýilleşdirýär. Şeýle hem taslama Aýyň garaňky tarapyndaky işlere hem goldaw berip biler.

Kosmos giňişliginde oturdyljak Gün panellerine howa ýagdaýy täsir etmeýär. Şeýle bolansoň, bu paneller has önjeýli işleýär. Käbir kompaniýalar bolsa, kosmosda ýygnalan elektrik energiýasyny Ýere ibermegiň hem aladasyny edýär.



## Kosmos internetini ýola goýar

Hytaý Ýeriň aşaky orbitasyna emeli hemralary ýerleşdirmek arkaly kosmos internetini ýola goýmagy maksat edinýär. «Shanghai Spacecom Satellite Technology» guramasy tarapyndan durmuşa geçiriljek taslamanyň çäklerinde «Long March-6» göteriji raketasy arkaly 18 emeli hemra uçuryldy. Emeli hemralaryň bellenen orbita ýerleşendigi mälim edildi. Taslamanyň çäklerinde jemi 15 müň sany emeli hemra uçurylar. Taslamanyň 2030-njy ýyla çenli durmuşa geçirilmegine garaşylýar.

Häzirki wagtda «Space X» kompaniýasy «Starlink» atly taslamanyň çäklerinde dünýäniň dürli ýerlerini kosmosdan hödürlenýän ýokary tizlikli internet bilen üpjün etdi. Hytaýyň bu taslamasy «Starlink»-iň iň uly bäsdeşi bolar.

## Dünýäniň iň uly aýsbergi

Dünýäniň iň uly aýsbergi hasaplanýan «A23a» atly buz bölegi äpet girdabyň täsirine düşüp aýlanyp başlady. Aýsberg 1986-njy ýylda Antarktikanyň kenaryndan gopup, Weddel deňzinde suwuň saý ýerinde saklanyp galypdy. Geçen ýyl bolsa, ýene-de suwuň akymy bilen hereket edip başlapdy. Birnäçe aýdan bäri bolsa, aýsbergiň girdabyň ortasynda duran ýerinde aýlanýandygy mälim edildi. Bilermenler sagat diliniň tersine aýlanýan buz böleginiň ýene-de birnäçe aýlap bu girdapdan çykyp bilmejekdigini belleýärler. Şeýle hem



buzuň girdapda näçe köp saklansa, eremeginiň hem gijikjekdigi bellenilýär. Aýsbergiň meýdany 4 müň inedördül kilometre, galyňlygy bolsa 400 metre barabar.

Adatça aýsbergler gury ýer bölegindäki buzlugyň bir böleginiň suw tolkunlarynyň täsiri bilen gopmagy netijesinde emele gelýär. Soňra bolsa, suwuň akymy bilen has yssy ýerlere akyp gidýär. Ýyly suw hem-de yssy howa aýsbergiň ýuwaş-ýuwaşdan eräp deňze garyşmagyna sebäp bolýar.

**Jumagül WALIÝEWA,**
*«Türkmendeňizderýaýollary» agentliginiň Deňizçilik orta hünär okuw mekdebiniň mugallymy.*

## Saturn bir kometany Gün ulgamynyň daşyna çykardy

Astronomlar golaýda örän seýrek duş gelýän kosmiki hadysany anykladylar. Gün ulgamynyň ikinji uly planetasy bolan Saturn özüne golaýlap gelýän kometany Gün ulgamynyň daşyna çykaryp goýberdi. Şeýle hadysa mundan ozal 1980-nji ýylda hasaba alnypdyr. Astronomlar ilki Saturna tarap, soňra bolsa, Gün ulgamynyň daşyna tarap hereket edýän asman jisimini anykladylar. «Comet A117uUD» diýlip atlandyrylan bu kometa 14-nji iýunda Gawaidäki Astronomiýa



institutynyň ATLAS atly ulgamy tarapyndan anyklanypdyr. NASA tarapyndan esaslandyrylan ATLAS ulgamyna degişli jemi dört teleskop bar. Olaryň ikisi Gawai adasynda, biri Çilide, ýene biri Günorta Afrikada ýerleşýär. Astronomlar kometanyň hereketlerini yza saradyp görenlerinde, asman jisiminiň 2022-nji ýylda Saturn planetasyna baryp ýetendigini we planetanyň dartyş güýji bilen kometany sagatda 10 müň 700 kilometr tizlik bilen «zyňyp» goýberendigini anykladylar.

Mundan ozal 1980-nji ýylyň 9-njy dekabrynda «Comet C/1980 E1» atly kometa Ýupiter planetasy tarapyndan Gün ulgamynyň daşyna goýberilipdi.

ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY –
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Awgust aýynyň 9-y, 2024
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-114539
Belgisi: 32/1598
Tiražy: 9047
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR MYRATDURDY GARJANOW
JOGAPKÄR KÄTIP AMANMYRAT BAÝMYRADOW

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

BELLIK: Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# MAGTYMGULY – ÝOKARY MEDENIÝETLILIGIŇ NUSGASY

Halkyň medeniýeti asyrlaryň dowamynda kemala gelýär hem-de onuň durmuşynyň ähli ugurlarynda şöhlelenýär. Magtymguly Pyragynyň şygyrlaryny okanyňda ata-babalarymyzyň asylly ýörelgeleriniň ähmiýetli mazmuny has giňden açylýar. Şonuň üçin hem türkmen medeniýeti diýlende, Magtymguly Pyragynyň döredijilik dünýäsi öňüňde açylýar hem-de milli medeniýetimiziň gymmatlygyna öwrülýär. Umuman, halkymyzyň ylmy we medeniýeti Magtymguly Pyragynyň şahsyýeti bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Sebäbi milli medeniýetiň we ylmyň gözbaşlaryny, onuň dowamyny şahyryň döredijiliginde görmek bolýar.

«Medeniýet hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda: «Adamzat tarapyndan döredilen we döredilýän, şahsyýetiň sazlaşykly ösdürilmegine, watançylygy terbiýelemäge, ýokary ahlaklylyk we ruhy-ahlaklylyk häsiýetlerini kemala getirmäge, Türkmenistanyň raýatlarynyň estetiki talaplaryny we bähbitlerini kanagatlandyrmaga gönükdirilen maddy we ruhy gymmatlyklaryň jemidir» diýlip beýan edilýär.



Medeniýetiň ýörelgeleriniň umumy jeminden adamzat medeniýeti diýen düşünje kemala gelýär. Adamlaryň düşünjesine, bilimine we özüni alyp barşyna seredilip, onuň medeniýetliligi hakynda netije çykarylýar. Milli medeniýet bilen medeniýetlilik aýry-aýry düşünjeler bolsa-da, adamzat medeniýetinde halkyň özleşdiren gymmatly ýörelgeleriniň belli bir düzümi saklanýar. Şu nukdaýnazardan alnanda Magtymguly Pyragy we medeniýet, medeniýetlilik umumy mazmuna eýe bolan düşünjelerdir. Magtymguly Pyragynyň şahsyýeti umumy medeniýetliligiň nusgasydyr, adamzat paýhasynyň gymmatly hazynasynyň dür dänesidir. Medeniýet maddy we ruhy medeniýet diýen topara bölünýär. Adamyň ruhy medeniýeti onuň döredijilige düşünişinden, sözüň manysyny teswirlemek we netije çykarmak mümkinçiliginden kemala gelýär. Ýokary medeniýetli şahsyýet hökmünde Magtymguly Pyragy goşgularynda ylym almak, köp okamak, söze dogry düşünmek hakynda anyk pikirlerini beýan edýär. Magtymguly Pyragy «Ogul – Azadym» atly aýdyşyk goşgusynda atasyndan ylym-bilim almak höwesini gaýtarmazlygyny haýyş edýär. Ylym-bilimini artdyrmak üçin uly ylym merkezlerine, güýçli alym-ulamalaryň huzuryna barmak şahyr üçin örän gymmatly zerurlyk bolup, şol hem goşga dartgynlylyk häsiýetini berýär. Şahyr şol şygyrda:

*Jylawdary bolam Ýazyrhan piriň,*
*Köňül guşy perwaz urar pakyryň*

– diýmek bilen, özüniň halypasynyň kimliginden söz açýar. Oňa bolan hormatyny görkezýär. Ýene bir goşgusynda:

*On birimde tutdum döwet galamy,*
*Okyp-okyp many saçan günlerim*

– diýen setirleri bilen özüniň okamagyň lezzetini duýan pursatlaryny okyjynyň hyýalynda janlandyrýar.

Şahyryň döredijiliginde ýüze çykýan ylym-bilime, pähim-paýhasa, söze bolan ýokary garaýşy tutuş halkyň medeniýetiniň nusgasy hökmünde okyjynyň kalbynda buýsanç oýarýar. Şahyryň halk bilen bitewüligi, watançylygy medeniýetiň nusgasyny hem ýokary derejä göterýär.

Magtymguly Pyragynyň «Türkmen halkynyň ruhy öňbaşçysy» hökmünde häsiýetlendirilmegi şahyryň milli medeniýetimiziň ösüşindäki ornuny hem aýan edýär. Magtymguly Pyragynyň döredijiligi halkyň milliligini açyp görkezýän çeşme hökmünde türkmen halkynyň adyny dünýä mälim etdi. Milli-medeni gymmatlyklary kesgitleýän düşünjäni anyk kesgitlemek bolsa aňsat däldir.

*Okyp idim Saadynyň men «Bostanny»,*
*Gör, ne ajap Hakanynyň «Medaýny»*

– diýen setirlerinde şahyr edebiýatyň gymmatly hazynasyna girizilen eserlerden söz açýar. Umuman, gymmatlyklar hakyndaky garaýyş hem dürli nukdaýnazardan beýan edilýär. Gymmatlyklar bolsa, edebiýatlarda beýan edilişi ýaly, jemgyýetdäki adamlaryň arasynda nusgalykdygy, ünsi çekijiligi, hormata mynasyplygy, täsir edijiligi bilen tapawutlanýan adamlaryň gatnaşyklary, wakalaryň, maddy zatlaryň we ruhy baýlyklaryň jemi bolup durýar. Gymmatlyk, milli gymmatlyk, medeni gymmatlyk düşünjeleri has giň gerimlidir we çuňdur. Milli-medeni gymmatlyklar dil serişdeleri arkaly beýan edilýär we eseriň ideýasyny düzmäge gatnaşýar. Magtymguly Pyragy türkmen halkynyň medeniýetiniň ýokary derejesini, medeni gymmatlyklaryny dünýä ykrar etdiren beýik şahsyýet diýmäge doly esas bar.

**Mähri HUDAÝGULYÝEWA,**
*Aşgabat şäherindäki 82-nji orta mekdebiň mugallymy.*

# DURNUKLY ÖSÜŞIŇ YGTYBARLY GURALY

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda durmuşyň ähli ugurlarynda uly özgerişleriň amala aşyrylmagy netijesinde ösüşleriň belentliklerine ýetilýär. Ýurdumyzy gurşap alan bu ajaýyp tutumlaryň milli kanunçylyk namalarynyň kämilleşdirilmegine gönükdirilen çäreler bilen utgaşdyrylmagy işiň netijeliligine oňyn täsirini ýetirýär. Kabul edilýän kanunlar, kanunçylyk namalaryna girizilýän üýtgetmeler we goşmaçalar kanunçylyk-hukuk binýadynyň yzygiderli kämilleşdirilmeginiň, häzirki döwürde ýurdumyzyň okgunly ösüşiniň aýrylmaz şerti bolup durýar. Olaryň ählisi döwlet ösüşiniň oňyn özgertmelerini üstünlikli durmuşa geçirmäge, türkmen jemgyýetiniň agzybirligini we jebisligini pugtalandyrmaga, demokratik esaslaryny berkitmäge gönükdirilendir. Hususan-da, türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň «Döwlet adam üçindir!» diýen baş ýörelgesinden ugur alyp, Arkadagly Gahryman Serdarymyz depginli durmuş-ykdysady ösüşi üpjün etmek bilen, bazar ykdysadyýetiniň döwrebap usullaryny ornaşdyrmakda durmuş maksatly ykdysady syýasaty amala aşyrmagyň dowam etdirilmelidigini yzygiderli nygtaýar. Hormatly Prezidentimiz tarapyndan işlenip taýýarlanylan ýurdumyzy 2019-2025-nji ýyllarda, 2022-2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynyň amala aşyrylmagy kanunçykaryjylyk işiniň ileri tutulýan ugurlaryny kesgitleýär. Berkarar Watanymyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmegini gazanmak, ykdysady mümkinçiligini artdyrmak, mähriban halkymyzyň hal-ýagdaýyny has-da ýokarlandyrmak maksatnamanyň esasy maksady bolup durýar.



Döwlet býujetimiz ýurdumyzyň geljekki ykdysady we durmuş ösüşiniň depginlerini kesgitleýär. Ol, ilkinji nobatda, ykdysady ösüşiň durnukly depginleriniň saklanylmagyna, Türkmenistanyň ägirt uly mümkinçilikleriniň durmuşa geçirilmegine, döwlet çykdajylarynyň ýokary netijeliliginiň üpjün edilmegine hem-de umuman, türkmen halkynyň abadançylygynyň, her bir maşgalanyň durmuş derejesiniň yzygiderli ýokarlandyrylmagyna gönükdirilendir.

Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň çykdajylarynyň agramly bölegi durmuş ulgamyna, şol sanda bilim, saglygy goraýyş, medeniýet, sport, döwlet durmuş üpjünçiligi ulgamyna, jemagat hojalygy pudagyna gönükdirilýär. Munuň özi ýurdumyzyň baş maliýe resminamasynyň durmuş ulgamyna eýerýändiginiň we ilatyň ýokary abadançylyk derejesiniň üpjün edilmegine gönükdirilýändiginiň nobatdaky subutnamasydyr.

Daşoguz welaýaty üçin göz öňünde tutulan serişdeler sebiti mundan beýläk-de durmuş-ykdysady taýdan ösdürmäge gönükdirilendir. Welaýatyň ykdysadyýeti agrar senagat häsiýetine eýedir. Pagtaçylyk welaýatyň ekerançylygynyň esasy ekinleriniň biri bolup durýar. Pagtadan alynýan çig mal dokma we azyk senagaty kärhanalary üçin peýdalanylýar. Welaýatymyzda her ýylda 275 müň tonna pagta hasylyny, 265 müň tonna möçberde bugdaý hasylyny almak meýilleşdirilýär. Welaýatymyzyň edermen gallaçylarynyň 2024-nji ýylda Watan harmanyna tabşyran bugdaý hasyly 280 müň tonnadan geçdi. Bu bolsa çörek önümleriniň bolçulygynyň alamaty bolup, hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzda bugdaýyň satyn alyş nyrhlaryny ýokarlandyrmak baradaky öňe süren başlangyçlarynyň ilkinji we esasy miwesidir. Sebäbi daýhan baýasa halkymyz baýaýar, halkymyz baýasa ýurdumyz baýaýar.

Daşoguz welaýatynda maldarçylyk pudagy öňdebaryjy pudak bolmak bilen, hojalyklaryň ähli toparlarynda mallaryň we guşlaryň baş sany ýylyň-ýylyna köpeldilýär. «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi tarapyndan Şabat etrabynda ýumurtga öndürmäge niýetlenen guşçulyk hojalygy, Gubadag etrabynda 200 baş iri şahly mallary saklamaga niýetlenen maldarçylyk toplumy hereket edip, ozaldan bar bolan senagat kärhanalarynyň üstüni ýetirdi.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019-2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna» laýyklykda Daşoguz welaýatynyň hem ähli künjeklerinde önümçilik-durmuş maksatly desgalaryň birnäçesi gurulýar. Häzirki wagtda welaýatymyzyň durmuşynda ýene bir uly gurluşyk toplumy bolan Şabat etrabynyň çäginde dowam etdirilýär. Gurluşygyny 2019-2025-nji ýyllarda tapgyrlaýyn amala aşyrmak, ýagny gurluşygyň birinji tapgyrynda 2019-2022-nji ýyllarda 41 sany ýaşaýyş jaýynyň hem-de medeni-durmuş maksatly binalaryň gurluşygyny tamamlamak, ikinji tapgyrynda 2021-2024-nji ýyllarda 29 sany ýaşaýyş jaýynyň gurluşygyny tamamlamak meýilleşdirilýän döwrebap ýaşaýyş jaý we desgalar toplumy tamamlaýjy tapgyrda alnyp barylýar. Umumy tutýan meýdany 71 gektara barabar bolan bu toplumda 1496 maşgala niýetlenen jemi 70 sany – 51 sany 4 gatly 24 öýli, 15 sany dört gatly 16 öýli, şeýle hem 4 sany 4 gatly 8 öýli ýaşaýyş jaýlary 30 ýyllyk karzyň hasabyna gurulýar. Täze toplumda 600 orunlyk döwrebap orta mekdebiň, 240 orunlyk çagalar bagynyň, saglyk merkeziniň we hyzmatlar öýüniň gurluşyklarynyň hem-de ýokary derejedäki abadanlaşdyryş işleriniň göz öňünde tutulmagy hormatly Prezidentimiziň durmuş ugurly syýasatynyň uly üstünliklere beslenýändiginiň aýdyň tassyknamasydyr.

Häzirki wagtda welaýatymyzyň obasenagat toplumynda welaýatyň kärdeşler arkalaşyklarynyň agzalarynyň 85 müňden gowragy zähmet çekýär. Gahryman Arkadagymyz ýurdumyzy ösdürmegiň binýadynda milletiň paýhas goruny, intellektual mümkinçiliklerini ýokarlandyrmagy ykbal kesgitleýji mizemez kada hökmünde belleýär. Bu ugurda amala aşyrylmaly işlerde, pudagyň işgärleri bilen birlikde kärdeşler arkalaşyklarynyň guramalary hem guramaçy, ýakyn maslahatçy we ýardamçy bolup çykyş edýärler.

Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Daşoguz welaýat birleşmesi 1 müň 200-den gowrak ilkinji guramany, 165 müňden gowrak agzany özüne birikdirýän welaýatyň iri jemgyýetçilik guramasy bolup, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň syýasatynyň baş ugrunyň durmuşa geçirilmegine işjeň gatnaşyp, jemgyýetde bitewüligi we agzybirligi mundan beýläk-de berkitmäge ähli çäreler arkaly ýardam berýär. Döwlet Baştutanymyzyň Watanyň, halkyň bähbidine gönükdirilen «Watan diňe halky bilen Watandyr, Döwlet diňe halky bilen Döwletdir!» diýen baş ýörelgesinden ugur alyp, ilkinji guramalarymyz özleriniň gorag, goldaw we maslahat beriş wezipelerini yzygiderli amala aşyryp, agzalarynyň hukuklaryny, bähbitlerini goramakda tertipnamalaýyn borçlaryny ýerine ýetirmek ugrunda, hormatly Prezidentimiziň taryhy Maksatnamalaryny, Kararlaryny halk köpçüliginiň arasynda wagyz etmekde, düşündirmekde, olaryň üstünlikli durmuşa geçirilmegini gazanmakda işjeňlik görkezýärler.

Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 33 ýyllygyna bagyşlanan dabaralar, şanly wakalar halkymyzda döredijilikli zähmet çekmäge hyjuw we ruhubelentlik duýgusyny döredýär. Milli ykdysadyýetimiziň berkliginiň, döwletimiziň kuwwatynyň köp derejede agzybirlikde çekilýän zähmete, döredijilik mümkinçiliklerine baglydygyna oňat düşünýän welaýatymyzyň kärdeşler arkalaşyklarynyň ähli derejedäki guramalary Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň gülläp ösmeginiň hatyrasyna her bir zähmet adamynyň Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüne kybapdaş belent ruh bilen işlemegi ugrunda tagallalary edýärler.

**Şemşat ÇARYÝEWA,**
*Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Daşoguz welaýat birleşmesiniň pudaklaýyn utgaşdyryjysy.*

# ÝURDUMYZDA AZYK HOWPSUZLYGY ÜPJÜN EDILÝÄR

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzda azyk howpsuzlygyny üpjün etmek baradaky maksatnamanyň iş ýüzünde durmuşa geçirilmegi halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da ýokarlandyrmak, daş-töweregimizi gurşap alýan tebigaty, ekologiýany gorap saklamak bilen bagly umumadamzat bähbitli asylly işlere mynasyp goşantdyr. Dünýä ykdysadyýetiniň ösüşiniň häzirki tapgyrynda ählumumy bäsdeşligiň güýçlenmegi, howanyň üýtgemegi, azyk harytlaryna we suwa bolan islegleriň artmagy ýaly emele gelen ýagdaýlar ýurdumyzyň azyk howpsuzlygyny üpjün etmegiň möhüm ugurlaryny kesgitleýär. Şeýle hem ýurdumyzda azyk howpsuzlygynyň gazanylmagy milli ykdysadyýeti ösdürmegiň esasy düzümleýin bölekleriniň biri bolmak bilen, ýurdumyzyň durmuş-ykdysady, demografik we ekologik ýagdaýlarynyň giň toplumyna täsirini ýetirýär.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly we öňdengörüjilikli syýasatynyň netijesinde, ýurdumyzyň azyk howpsuzlygyny üpjün etmekde we pugtalandyrmakda ägirt uly işler durmuşa geçirildi, bu ugurda kadalaşdyryjy hukuk namalary halkara standartlaryna laýyklykda kämilleşdirildi. Şeýle-de, «Azyk howpsuzlygy hakyndaky» Türkmenistanyň Kanuny döwletiň ykdysady howpsuzlygynyň düzüm bölegi bolup durýan, Türkmenistanyň azyk howpsuzlygyny üpjün etmek babatda döwlet syýasatynyň esasy ugurlaryny kesgitläp, raýatlaryň peýdaly we talabalaýyk iýmitlenmäge bolan hukugyny durmuşa geçirmegiň hukuk esaslaryny belleýär. Kanunda ýurdumyzyň ilatyny howpsuz oba hojalyk, balyk we beýleki azyk önümleri bilen üpjün etmek, şeýle hem ilat tarapyndan ýaşaýyş üçin wajyp iýmit önümleriniň sarp edilişiniň olary sarp etmegiň rejeli kadalaryna çenli ösmegi Türkmenistanyň azyk howpsuzlygyny üpjün etmegiň strategik maksatlary hökmünde görkezilýär. Içerki önümçiligiň durnuklylygy, şeýle hem iýmit önümleriniň zerur ätiýaçlyklarynyň we gorlarynyň barlygy oňa ýetmegiň kepili bolup çykyş edýär.

Türkmenistanyň azyk howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça çäreler azyk howpsuzlygynyň içerki we daşky howplarynyň ygtybarly öňüniň alynmagyna gönükdirilen bolup, ýurdumyzyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet çaklamalary bilen bir wagtda işlenilip taýýarlanylýar. Döwlet tarapyndan berilýän goldawlaryň netijesinde, ýurdumyzyň azyk howpsuzlygyny üpjün etmek we pugtalandyrmak durmuşa geçirilýän işleriň çäklerinde ýaşaýyş üçin wajyp iýmit önümlerini, iýmit çig malyny öndürmäge gönükdirilen hukuk, ykdysady, guramaçylyk hem-de beýleki çäreler amala aşyrylýar. Ilatymyzyň zerurlyklaryny kanagatlandyrmak üçin ýeterlik möçberde, olaryň sarp edilýän ýerlerine iýmit önümleriniň bökdençsiz gelip gowuşmagyny gazanmak babatda işler guramaçylykly geçirilýär.

Öndürilýän we raýatlara satylýan ýaşaýyş üçin wajyp iýmit önümleriniň, iýmit çig malynyň howpsuzlygynyň, hiliniň azyk howpsuzlygyny üpjün etmek babatda Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň hem-de standartlaşdyrmak, sertifikatlaşdyrmak boýunça kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplaryna laýyklykda döwlet gözegçiligi amala aşyrylýar. Bu ugurda alnyp barylýan işler döwrüň talabyna görä yzygiderli kämilleşdirilýär.

Ýurdumyzda azyk howpsuzlygynyň üpjün edilmegi döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlaryna degişli edilýär, sebäbi ol demografiki syýasatyň, ýaşaýşy üpjün edýän durmuş ulgamynyň, ýurduň ilatynyň saglygynyň fiziki işjeňliginiň, uzak ömürliliginiň we ýokary hilli ýaşaýşynyň wajyp esaslaryny emele getirmäge täsir edýär.

Döwlet azyk ätiýaçlygyny döretmek, ony yzygiderli täzelemek we üstüni ýetirmek häzirki döwrüň gaýragoýulmasyz wezipesine öwrülýär. Bu wezipeleri durmuşa geçirmek bolsa, ilkinji nobatda, oba hojalyk önümçiliginiň binýatlyk kuwwatyna bagly bolup durýar.

Ýurdumyzda agrosenagat toplumy we onuň binýatlyk pudagy bolan oba hojalygy ýurduň ykdysadyýetiniň wajyp ulgamyny emele getiriji bolup çykyş edýär. Şeýle hem azyk önümleriniň üpjünçiliginiň ýokary depginler bilen alnyp barylmagynda oba hojalyk ekinleriniň hasyllylygyny we mallaryň önüm berijiligini ýokarlandyrmak möhüm wezipeleriň hataryna degişlidir. Munuň üçin ekerançylykda we bagçylykda ýokary hasyl berýän ekinleriň we miweli baglaryň sortlary ýetişdirilmelidir we olara agrotehniki kadalara laýyklykda idegler doly möçberde edilmelidir. Maldarçylygyň ösen ot-iým binýadyny döretmek, mallary ylmy esasda iýmitlendirmek hem wajyp wezipeleriň hataryna degişlidir.



Milli maksatnamanyň durmuşa geçirilýän döwründe azyk howpsuzlygyny üpjün etmek üçin oba hojalyk we azyk önümlerini öndürmek hem-de dolandyrmak babatda işler birnäçe toparlara bölünýär. Döwletimiziň ykdysady syýasatynyň baş maksatlarynyň biri azyk howpsuzlygyny berjaý etmekdir. Ýurdumyzyň bu möhüm syýasaty ykdysadyýeti döwlet tarapyndan dolandyrmak, milli azyk önümçilik ulgamyny yzygiderli kämilleşdirmek, dolandyrmagyň täze usullaryny girizmek, gaýtadan işleýän kärhanalary döwrebaplaşdyrmak we galyndysyz tehnologiýalary ornaşdyrmak, azyk önümlerini saklamak bilen bagly ulgamy giňeltmek, oba hojalyk senagatynda emläk gatnaşyklaryny kämilleşdirmek, eksport ugurly önümçilikleriň döredilmegini dowam etmek, oba ýerleriniň durmuş özgerişini çaltlandyrmak arkaly amala aşyrylar.

Döwlet kepillikleriniň berjaý edilmegi bilen bir hatarda, geljekki döwürde ekologiýa taýdan arassa azyk önümçiliklerini ösdürmek wajyp meseleleriň biridir. Dünýäde azyk önümlerine bolan islegiň artmagy bilen, ýurdumyzda hem täze görnüşdäki, bazar ykdysady gatnaşyklarynda bäsdeşlige ukyply azyk önümçilikleriň ösdürilmegine aýratyn üns berilýär.

Oba hojalyk ylmynyň önümçilik bilen arabaglanyşygy ösdürilip, ýokary hasylly oba hojalyk, gökbakja ekinleriniň we miweleriň ir ýetişýän hem-de kesellere durnukly sortlarynyň ornaşdyrylmagy dowam edýär. Miweçiligiň we üzümçiligiň ösdürilmegi, bu ugurlarda innowasion tehnologiýalarynyň ornaşdyrylmagyna ýöriteleşdirilen agrofirmalaryň gerimini giňeltmäge mümkinçilik berýär. Ýurdumyzda strategik taýdan möhüm ugur bolan etiň we et önümleriniň önümçiliklerini artdyrmak maksady bilen, maldarçylygyň we guşçulygyň ot-iými üpjünçiligine aýratyn üns berilýär. Et önümçiligine galyndysyz tehnologiýalar girizilip, bu işlere hususy taraplar giňden çekilýär. Döwlet tarapyndan maldarçylykda we guşçulykda weterinariýa gözegçilik barlaglarynyň geçirilmegi dowam edýär. Ýurdumyzyň weterinariýa gulluklary daşary ýurt hyzmatdaşlygy, maglumat alyşmagy, weterinariýa derman serişdeleri bilen ýokary üpjünçiligini dowam edip, maldarçylygyň we guşçulygyň weterinar goraglylygy we milli önümleriň ýaramlylygy üpjün edilýär.

Ýurdumyzda dürli mikroelementlere baý bolan balyk önümleriniň önümçiligi ösdürilýär. Hususy maýadarlaryň hasabyna balykçylygyň we balyk önümçiliginiň ösdürilmegi dowam edip, milli bazarymyz ýokary hilli, ekologiýa taýdan arassa balyk önümleri bilen üpjün edilýär, önümleriň görnüşleri artdyrylýar. Emeli suw howdanlarynda balyk ösdürip ýetişdirmek ulgamy kämilleşdirilýär, balyklaryň täze görnüşlerini uýgunlaşdyrmak boýunça işler alnyp barylýar.

Azyk howpsuzlygyny üpjün etmekde içerki önümçilikleriň durnuklylygy, çig mal we maliýe üpjünçiligi ýokarlandyrylýar, goşmaça azyk saklanyş ulgamlary döredilýär, sebitlerde eýeçiligiň dürli görnüşindäki sowadyjy ammarlaryň gurluşygyna üns berilýär.

Oba hojalygynda kärende we fermerçilik gatnaşyklary döwrebap ösdürilýär, azyk harytlaryň önümçiligi ýerli önüm öndürijiler tarapyndan üpjün edilýär. Bu işleri amala aşyrmak üçin döwlet tarapyndan berilýän goldawlar, ýeňillikli karzlaşdyrylmak dowam edýär. Şol bir wagtyň özünde önüm öndürijileriň jogapkärçiligini artdyrmak, kärende ýerleriň maksatlaýyn ulanylyşyna we gurplulygyna, suwuň sarp edilişine, ekinleriň hasyllylygyna döwlet tarapyndan gözegçilik edilýär. Milli töleg ulgamynyň üpjünçilik ulgamy kämilleşdirilip, oba hojalyk önüm öndürijiler gaýtadan işleýän senagat sarp edijiler zynjyrynda maliýe işleriniň tiz aýlanyşygy gazanylýar. Bu bolsa öz gezeginde azyk önümçiliginiň maliýe taýdan üpjünçiligini ýokarlandyrýar.

**Aşyrmät ANNAÝEW,**
*Türkmen oba hojalyk institutynyň uly mugallymy.*

# GARAŞSYZLYK BILEN GALKYNAN PUDAK

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynyň ösüşleridir özgertmeleri, şanly wakalary täze taryhymyza zer harplar bilen ýazylýar. Naýbaşy baýramymyz bolan Garaşsyzlyk gününiň öň ýanynda gözel paýtagtymyz Aşgabatda geçiriljek Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisi hem şeýle şanly wakalaryň biri bolup, milli demokratiýamyzyň özboluşly dabaralanmasyna öwrüler.

Ajaýyp zamanamyzy ägirt uly üstünliklere besleýän agzybir halkymyz şu günler naýbaşy baýramyny ýokary derejede mynasyp garşylamaga taýýarlyk görýär. Ildeşlerimiz mukaddes baýramy üstünliklere beslemek maksady bilen ýokary öndürijilikli zähmetiň nusgasyny görkezýär. Şanly toýuň öňüsyrasynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisiniň geçirilmegi onuň dabarasyny has-da artdyrar.

Täze taryhy döwürde ýurdumyzyň mukaddes Garaşsyzlygynyň 33 ýyllyk baýramynyň toýlanýan döwründe oba hojalygynda hem uly üstünlikler gazanylýar. Oba zähmetkeşleriniň, babadaýhanlarymyzyň gazanýan üstünlikleri ýurdumyzy täze sepgitlere alyp barýar.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň başlangyçlary bilen oba hojalygynda ýaýbaňlandyrylan giň gerimli özgertmeleriň netijesinde, milli ykdysadyýetimiziň bu möhüm pudagy ösüşiň hil taýdan täze derejesine çykdy, ony düýpli üýtgedip guramaga kanuny esaslar döredildi. Häzirki wagtda oba hojalygyny ylmy esasda alyp barmak boýunça hem uly işler amala aşyrylýar. Dünýäniň ösen tehnologiýalary, ylmyň we tehnikanyň, öňdebaryjy tejribäniň gazananlary ata-babalarymyzyň ekerançylykda asyrlarboýy toplan tejribesi bilen utgaşdyrylyp, önümçilige giňden ornaşdyrylýar.

Daýhan üçin suw, ýokary hilli tohum bereketli hasyl öndürmegiň esasy çeşmesidir. Oba hojalyk ministrliginiň däneçilik, ekerançylyk we pagtaçylyk ylmy-barlag institutlarynyň döredilmegi, oba hojalyk ekinleriniň tohumçylyk merkeziniň açylmagy daýhanlary bu möhüm serişdeler bilen doly derejede üpjün etmäge mümkinçilik berýär.

Ýurdumyzyň oba hojalyk önümçiligini köpugurly esasda ösdürmek, däneçilik, pagtaçylyk, gök ekerançylyk, maldarçylyk, guşçulyk ýaly ugurlar boýunça degişli gatlaklary döretmek, möhüm önüm öndürijileriň, gaýtadan işleýänleriň hem-de hyzmat düzümleriniň arasynda netijeli gatnaşyklary ýola goýmak meselelerine uly ähmiýet berilýär. Hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen kuwwatly tehnikalar satyn alynýar, gowaçanyň, bugdaýyň we beýleki ekinleriň has ýokary hasylly, kesellere çydamly görnüşleriniň döredilmegine giňden goldaw berilýär. Ýygnalan hasyly kabul etmek hem saklamak, gaýtadan işlemek üçin täze elewatorlar, ammarlar, kärhanalar gurlup ulanmaga berilýär.

Ýurdumyzyň obasenagat toplumynyň düzümleriniň hem-de hyzmat edýän pudaklaryň tehniki taýdan enjamlaşdyrylmagy, döwrebaplaşdyrylmagy, elewatorlaryň, gaýtadan işleýän kärhanalaryň, mineral dökünleri öndürýän zawodlaryň, suw hojalyk desgalarynyň gurulmagy, dünýäniň öňdebaryjy önüm öndürijileriniň ýerli toprak-howa şertlerine laýyk gelýän ýokary öndürijilikli tehnikalarynyň yzygiderli satyn alynmagy göwnejaý hasylyň ýetişdirilmegine, bugdaý, pagta, şaly öndürmek boýunça uly zähmet ýeňişlerini gazanmaga mümkinçilik berýär. Täze eýýamda döredilen oňaýly şertlerden peýdalanýan daýhanlarymyz ene topraga yhlas etmegiň, ýerden bol hasyl alyp, Watanymyzyň beýik ösüşlerine goşant goşmagyň, azyk bolçulygynyň döredilmegi bilen şertlenendir.

Türkmen topragy – bereketli toprak. Ol daýhanyň yhlasly zähmetine görä, bol hasyl eçilýär. Ata-babalarymyzyň daýhançylyk tejribesine daýanýan «Daýhan mert – ýer jomart» diýen atalar sözi hem şonuň üçin dörän bolsa gerek.

12-nji iýulda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň oba hojalyk toplumyna gözegçilik edýän orunbasaryndan hem-de welaýatlaryň häkimlerinden ýurdumyzyň edermen gallaçy daýhanlarynyň bugdaý hasylyny ýetişdirmek boýunça şertnamalaýyn



borçnamalaryny ýerine ýetirendikleri baradaky hasabatlary kabul etdi. «Oguz han» köşkler toplumynda geçirilen dabarada Diýarymyzyň welaýatlaryna wekilçilik edýän bagtyýar çagalaryň buýsançnamalary aýratyn joşgun bilen ýaňlandy. Babadaýhanlarymyz 1 million 400 müň tonnadan gowrak guşgursak bugdaýy Watan harmanyna tabşyryp, şertnamalaýyn borçnamalaryny abraý bilen ýerine ýetirdiler.

Oba hojalyk pudagyny diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmek maksadyndan ugur alyp, ýurdumyzda anyk çäreler durmuşa geçirilýär. Däneçilik we pagtaçylyk bilen bir hatarda, ýurdumyzda maldarçylyk, guşçulyk, ýüpekçilik, bakjaçylyk, miweçilik, üzümçilik we oba hojalyk işewürliginiň beýleki ugurlary işjeň ösüşlere eýe bolýar. Daşoguz, Lebap welaýatlarynyň ekerançylary şalynyň, Mary welaýatynyň ekerançylary bolsa gant şugundyrynyň bol hasylyny ýetişdirýärler. Türkmen daýhanlary banan, zeýtun, malina, pisse ýaly önümleriň täze görnüşleriniň önümçiligini hem ýola goýýarlar. Bu bolsa daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürmegi we eksport edilýän harytlaryň önümçiligini ýokarlandyrýar. Şeýle-de, milli ykdysadyýetimiziň azyk senagaty ösdürilip, halkymyzyň ýokary hilli azyk önümlerine bolan islegleri kanagatlandyrylýar.

**Aýnagül ALLABERDIÝEWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň uly mugallymy.*

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI
### gysga setirlerde



**Şaýylyklary çykardy.** Şu ýylyň 8-13-nji sentýabrynda Astanada geçiriljek Çarwadarlaryň V Bütindünýä oýunlaryna gabatlap, Gyrgyz Respublikasynyň Merkezi banky hümmeti 10 som bolan şaýylyklary çykardy. Şaýylyklar gyrgyz sporty «at çabyşa» bagyşlanan. Ýurduň çäginde resmi töleg serişdesi boljak şaýy pullaryň müň sanysy çykaryldy.



**Egri boýunly žiraf tapyldy.** Günorta Afrikanyň Krýuger milli seýilgähinde boýnunyň adatdan daşary deformasiýasy bolan žiraf tapyldy. Hünärmenler häzir bu adaty bolmadyk ýagdaýyň sebäbini anyklamakda kynçylyk çekýärler. Weterinar Sara Ferýuson bolsa, bu anomaliýanyň dogabitdi boýny egrilikden gelip çykýandygyny çaklaýar.



**Tirannozawryň näbelli görnüşi.** Hytaýyň Çžeszýan tebigy taryhy muzeýiniň paleontologlary tirannozawryň täze görnüşini tapdylar. Galyndylar Guançžou şäherindäki gurluşyk meýdançasynda tapyldy. Dinozawryň bedeniniň uzynlygy 3,5-4 metre deňdir. Galyndylar 66–72 million ýyl mundan ozal, giçki Mel döwrüne degişlidir.



**Aýa kiçijik lunohod ugradylar.** Ýaponiýanyň «iSpace» kompaniýasy şu ýyl Aýa ugradyljak kindiwanja lunohodyň gurnama işlerini tamamlady. 5 kilogramlyk enjam HAKUTO-R-yň ikinji missiýasynyň çäklerinde «Resilience» gonuş moduly bilen Aýa eltiler diýlip, «Space.com» saýtynda habar berilýär.



**Robot itleri ulanmakçy.** ABŞ-nyň Içerki howpsuzlyk ministrligi barlag işlerinde ulanmak maksady bilen «Neo» robot itleriniň bir toparyny satyn aldy. Hünärmenler bu robotlaryň ulanylmagy bilen geljekde polisiýa işgärleri üçin töwekgelçiligiň ep-esli azaljakdygyna ynanýarlar.



**Tehnologiýa synag edildi.** Russiýanyň Saratow oblastynyň inženerleri nebit we gaz önümçiliginiň işjeňligini ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýän täze tehnologiýany işläp düzdüler. Tehnologiýa guýuda goşmaça ýollary döredýän we ozal ulanylmadyk ýataklary önümçilige getirýän kislota akymly burawlama esaslanýar.



**Gymmat bahaly daş tapdy.** Hindistanda bir işçi kärendesine alan magdan käninde agramy 19,22 karat bolan almaz daşy tapdy. Bu gymmat daşa 100 müň dollar baha kesilýär. 40 ýaşly Raju Gauda tapan daşyny kiçi dogany bilen ýerli häkimiýetlere eltdi. Indi almaz söwda-satyk auksionynda satylandan soňra, oňa girdejiniň uly bölegi berler.



**Ähli döwürleriň iň owadan aktrisalary.** «List Challenges» platformasyny ulanyjylar ähli döwürleriň iň owadan 10 aktrisasynyň sanawyny düzdi. Şeýlelikde, ulanyjylar tarapyndan iň owadan aktrisa hökmünde italiýaly aktrisa Monika Belluççi saýlandy. Ikinji orunda aktrisa we aýdymçy Merilin Monro ýerleşdi. Üçlügi «Oskar» baýragynyň eýesi Anjelina Joli jemledi.

**Ýylgyryşa emeli aň baha berýär.** Ýaponiýada iň uly AEON dükanlar ulgamy öz işgärleriniň ýylgyryşyna baha bermek üçin emeli aň ulgamyndan peýdalanyp başlady. Kassalardaky kameralara oturdylan «Mr Smile» neýroulgamy satyja gözegçilik edip, ýüz-gözüniň hereketini, sesiniň äheňini seljerip, sypaýyçylygyna baha berýär.



## TARYHDA ŞU GÜN



**1910-njy ýylyň 9-njy awgustynda amerikaly inžener Herli Alwa Fişer dünýäde ilkinji bolup, «Thor» atly elektrik bilen işleýän kir ýuwýan maşyna patent aldy. Şondan soň, kir ýuwýan maşynlar ABŞ-nyň bazarynda aýratyn islege eýe bolup, satylyp başlandy. 1949-njy ýylda «Thor» ilkinji doly awtomatik kir ýuwýan maşyna öwrüldi.**

# Harris resmi taýdan dalaşgär boldy

ABŞ-nyň wise-prezidenti Kamala Harris Demokratik partiýadan Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň prezidentligine resmi taýdan dalaşgär boldy. Bu barada ABŞ-nyň Demokratik partiýasynyň Milli komiteti partiýanyň milli gurultaýyna gatnaşjakdyklaryny mälim eden wekilleriň wirtual ses berişligi tamamlanandan soň yglan etdi.

– ABŞ-nyň wise-prezidenti Kamala Harris bir hepdelik onlaýn ses berişlikde ABŞ-nyň Demokratik partiýasynyň gurultaýyna gatnaşjaklaryň 99 göteriminiň resmi goldawyna eýe boldy – diýip, partiýanyň Milli komitetiniň başlygy Jeými Harrison habar berdi.



Harris 6-njy awgustda Minnesota ştatynyň gubernatory Tim Walzy wise-prezidentlige dalaşgär saýlady hem-de bilelikdäki ilkinji ýygnagyny gurady. Kongresiň öňki wekili, 60 ýaşly Walz bu ştatda ikinji möhletinde gubernator bolup işleýär. Demokratlar onlarça ýyldan bäri Minnesottada Prezident saýlawlarynda aýgytly ýeňiş gazanyp gelýärler.

Kamala Harris Jozef Baýdeniň gaýtadan saýlanmak ugrundaky saýlaw kampaniýasyndan çekilýändigini yglan edeninden iki hepde soň ABŞ-nyň prezidentligine resmi dalaşgär boldy. Pikir soralyşyklara görä, Harris bäsdeşi, Respublikan partiýasynyň dalaşgäri Donald Trampdan öňe saýlanyp, has uly artykmaçlyga eýe boldy.

Demokratlaryň saýlawdan öňki gurultaýy 19-njy awgustda öz işine başlar.

ABŞ-da Prezident saýlawlary 5-nji noýabrda geçiriler. Öňki Prezident Donald Tramp Respublikan partiýa tarapyndan döwlet Baştutany wezipesine dalaşgär görkezildi, wise-prezidentlige dalaşgär hökmünde bolsa, Ogaýo ştatynyň senatory Jeýms Dewid Wens saýlandy.



## PREZIDENT SAÝLAWLARY geçiriler

21-nji sentýabrda Şri-Lankada Prezident saýlawlary geçiriler. Bu barada ýurduň saýlaw komissiýasy habar berdi. Dalaşgärleri hödürlemegiň senesi 15-nji awgusta bellendi. Häzirki Prezidentiň möhleti şu ýylyň 17-nji noýabrynda tamamlanýar.

2019-njy ýylyň noýabr aýynda geçirilen Prezident saýlawlarynda ýeňiş gazanan Gotabaýa Rajapaksa 2022-nji ýylyň iýul aýynda ýurtdaky ykdysady çökgünlikler sebäpli işinden çekildi. Şondan soň parlament Ranil Wikramasingheni prezidentlige saýlady.

Şri-Lanka Demokratik Sosialistik Respublikasy Günorta Aziýadaky döwletdir. Bu ýurt 1972-nji ýyla çenli Seýlon diýlip atlandyrylypdyr. Sanskrit dilinden terjime edeniňde ol «Abadan ýurt» diýen manyny berýär. 9 welaýatdan ybarat bolan bu ýurduň 21 million 676 müň ilaty bar. Ýurt 1948-nji ýylyň 4-nji fewralynda garaşsyzlygyny aldy.

# AZYK HOWPSUZLYGY ÜÇIN ÇÖZGÜT

Hindistanyň Premýer-ministri Narendra Modi Nýu-Delide oba hojalygy boýunça ykdysatçylaryň halkara maslahatyny açyp, azyk howpsuzlygy babatda öň bütin dünýäde alada döredip gelen Hindistanyň indi ählumumy azyk we iýmit howpsuzlygyny üpjün etmek barada çözgütleri teklip edip bilýän ýurda öwrülendigini belledi. Modi Hindistanyň şunuň ýaly halkara maslahatyny soňky gezek 65 ýyl mundan öň geçirendigini ýatlap



geçdi. Onuň sözlerine görä, şol döwürde Respublika azyk we oba hojalyk pudagynda kyn günleri başdan geçirýän täze garaşsyz ýurtdy.

– Bu gün Hindistan azyk harytlaryny bol öndürýän döwlet bolup, ýurdumyz süýt, kösükli önümler, däne, miwe, gök-bakja, pagta, şeker, çaý, balyk önümçiligi boýunça dünýäde ikinji orunda durýar – diýip, Modi nygtady. Ol öz ýurdunyň azyk ulgamyny üýtgedip gurmakdaky tejribesiniň ählumumy Günorta üçin bähbitli boljakdygyna umyt bildirdi.

Narendra Modi Hindistanda 120 million fermeriň, 30 milliondan gowrak zenan fermeriň, 30 million balykçynyň we 80 million maldaryň işleýändigini habar berdi. Modi maslahatda eden çykyşynda häzirki wagtda ýurtda 500 milliondan gowrak öý haýwanlarynyň bardygyny sözüniň üstüne goşdy.

Nýu-Delide geçirilen oba hojalygy boýunça ykdysatçylaryň maslahatynyň esasy temasy «Durnukly oba hojalygy we azyk ulgamlaryndaky özgerişlik» boldy. Oňa 75 ýurtdan müňe golaý wekil gatnaşdy.

# Wise-prezident bellendi

Eýranyň täze saýlanan Prezidenti Masud Pezeşkian öňki daşary işler ministri Mohammed Jawad Zarifi strategik meseleler boýunça wise-prezident we Stra-



tegik barlaglar merkeziniň başlygy wezipesine belledi. Bu barada IRNA habarlar gullugy habar berdi.

Prezident 30-njy iýulda mejlisde kasam kabul edenden soň, bu baradaky karara gol çekdi.

Prezident Pezeşkian öz karary bilen Jawad Zarifi içerki we halkara meselelerine hem-de administrasiýanyň ýurduň Konstitusiýasynda göz öňünde tutulan maksatlara ýetmekde, şeýle hem Eýranyň ýokary ruhy lideri Ali Hameneýi tarapyndan hödürlenen 20 ýyllyk ösüş strategiýany we umumy syýasaty durmuşa geçirmekde gazanylan üstünliklere gözegçilik etmegi tabşyrdy.

64 ýaşly Zarif 2013-nji ýyldan 2021-nji ýyla çenli şol wagtky Prezident Hasan Ruhaniniň hökümetinde Eýranyň Daşary işler ministrligine ýolbaşçylyk etdi. Şeýle hem Mohammed Reza Arefi birinji wise-prezident wezipesine bellendi.

# TÄZE BAŞ SEKRETAR SAÝLANDY

Wýetnam Kommunistik partiýasynyň Merkezi komitetiniň mejlisi Wýetnam Sosialistik Respublikasynyň Prezidenti To Lamy 2021-2026-njy ýyllar üçin Wýetnamyň Kommunistik partiýasynyň Merkezi Komitetiniň täze Baş sekretary wezipesine saýlady.

To Lam sesleriň köplügi bilen WKP-niň Merkezi komitetiniň Baş sekretary wezipesine saýlanyp, bu wezipede Nguen Fu Çonguň ornuny tutdy. Baş sekretar we ýurduň Prezidenti To Lam, partiýanyň Merkezi komitetiniň, Syýasy býuronyň we sekretariatyň işine Syýasy býuronyň bellän borçlaryna we ygtyýarlyklaryna laýyklykda ýolbaşçylyk eder.

18-nji iýulda WKP-niň Merkezi komitetiniň Syýasy býurosy ýurduň Prezidentine WKP-niň Merkezi komitetiniň Baş sekretary Nguen Fu Çonguň nähoşlygy sebäpli Merkezi komitetiň, Syýasy býuronyň we sekretariatyň işine wagtlaýyn ýolbaşçylyk etmegi tabşyrdy. 19-njy iýulda Nguen Fu Çong 81 ýaşynda aradan çykdy.

To Lam 1957-nji ýylyň 10-njy iýulynda Wýetnamyň demirgazygyndaky Hyngýen welaýatynda dünýä indi. Ol köp ýyllaryň dowamynda döwlet howpsuzlyk edaralarynyň



düzüminde dürli ýolbaşçy wezipelerde işledi. 2009-njy ýylda general-maýor derejesi bilen Jemgyýetçilik howpsuzlygy ministrliginiň baş howpsuzlyk müdirliginiň başlygy wezipesine bellendi. 2010-njy ýylyň awgust aýynda To Lam jemgyýetçilik howpsuzlygy ministriniň orunbasary boldy, 2016-njy ýylyň aprelinde bolsa ministr boldy. 2019-njy ýylyň başynda To Lam goşun generaly derejesine eýe bolup, Wýetnam döwlet howpsuzlyk edaralarynyň taryhynda bu ýokary harby derejäni eýelän dördünji adam boldy. Şu ýylyň maý aýynda To Lam Wýetnam Sosialistik Respublikasynyň Prezidenti wezipesine saýlandy. Bu wezipäni eýelän Wo Wan Thyong mart aýynda Wýetnamyň Prezidenti we beýleki eýeleýän wezipelerinden çekilenden soň, döwlet Baştutanynyň wezipesi boş galypdy.

Wýetnam Sosialistik Respublikasy Hindihytaý ýarym adasynda ýerleşýän Günorta-Gündogar Aziýadaky döwletdir. Günbatarda Laos we Kamboja, demirgazykda Hytaý bilen serhetleşýär, gündogarda we günortada Günorta Hytaý deňzi bilen ýuwulýar. Maglumatlara görä, Wýetnamyň ilaty, takmynan, 100 milliondan gowrak adama deň.



# Ada satuwa çykaryldy

**Şotlandiýada 27 gektar meýdany tutýan boş ýatan Fladda-Çuaýn adasy 190 müň funt sterlinge satuwa çykaryldy.**

**Gozgalmaýan emläkleriň söwdasy bilen meşgullanýan kompaniýanyň web sahypasynda bu adanyň taryhy ýadygärlikleri bilen tanalýandygy bellenilýär. Irlandiýanyň mifologiýasynda ol ebedi juwanlygyň adasy, hemişe tomus bolup, Günüň bolsa hiç haçan ýaşmaýan mukaddes ýeri hasaplanýar.**

**Keramatly Kolumbanyň VI asyrda gurduran ybadathanasynyň galyndylary henizem adanyň günbatar tarapynda saklanyp galypdyr. Rowaýatlarda balykçylaryň amatly ýeliň öwüsmegini we awuň ganly bolmagyny dileg edip, kiçijik buthananyň altaryndaky «aglaýan daşyň» üstüne deňiz suwundan üç gezek guýandyklary barada ýatlanylýar. Şeýle-de Fladda-Çuaýn, wikingleriň baran ýeri hökmünde meşhurdyr. XIX asyrda bu ýerde XI asyra degişli altyn ýüzük tapyldy. Häzir ol Şotlandiýanyň milli muzeýinde saklanýar.**

**Şeýle hem Fladda-Çuaýn her hili üýtgeşik ýabany tebigaty bilen özüne çekýär. Bu sebitde guşlaryň birnäçe görnüşi ýaşaýar, şeýle-de bu ýerde delfinleri, deňiz doňuzlaryny, akulalary, kitleri we gunduzlary görmek bolýar. Adada kiçiräk bir jaý hem gurup bolar, ýöne munuň üçin degişli edaralaryň ygtyýarnamasy gerek. Fladda-Çuaýnyň töweregindäki suwuň düýbünde köp sanly gark bolan gämi bar. Bu ýeriň ýelkenli sport we suwasty ýüzüş üçin amatly ýerdigi habar berilýär.**

# «Boeing»-iň täze ýolbaşçysy

«Boeing» korporasiýasynyň täze baş direktory wezipesine 64 ýaşly Kelli Ortberg bellendi. Ol 8-nji awgustda wezipesine girişdi. Kelli Ortberg mart aýynda işden çekilýändigini mälim eden Deýw Kalhunyň ornuny eýeledi.

Ýolbaşçylygyň üýtgemegi awiakompaniýanyň birnäçe meseleler, şol sanda, paýnamalaryň bahasynyň pese gaçmagy we ikinji çärýekde ýitgiler bilen ýüzbe-ýüz bolan döwri bolup geçýär. Şu ýyl «Boeing»-iň paýnamalary 27 göterim arzanlady, bu bolsa 2020-nji ýyldan bäri iň pes görkezijidir. Kompaniýa heläkçilige we uçuşlaryň uzak wagtlap togtadylmagyna getiren «Boeing 737 MAX» uçarlary hem-de beýleki tehniki bökdençlikler sebäpli çynlakaý päsgelçiliklere duçar boldy.

Ýüze çykan kynçylyklara garamazdan,



«Boeing» kompaniýasy 2024-nji ýylyň ahyryna çenli «737 MAX» modelleriniň önümçiligini aýda 38 uçara, «787 Dreamliner»-iň önümçiligini bolsa, aýda 5 uçara çenli artdyrmagy meýilleşdirýär diýip, «Bloomberg» habar berdi.

2020-nji ýyldan bäri kompaniýa ýolbaşçylyk eden Kalhun 2025-nji ýylyň mart aýyna çenli kompaniýada ýörite geňeşçi hökmünde wezipesini dowam etdirer. «Ol indi birnäçe aýdan bäri maýadarlara, awiakompaniýanyň müşderilerine we giň köpçülige «Boeing»-iň hil bilen bagly köp sanly meselelerini berk gözegçilik astyna aljakdygyna söz berip gelýär» diýip, CNBC belleýär.

Kelli Ortbergiň baş direktor wezipesine bellenmegi häzirki wagtda bar bolan kynçylyklary ýeňip geçmäge we maýadarlaryň hem müşderileriň ynamyny gaýtadan dikeltmäge ýardam berer diýlip garaşylýar.

# UÇURYLYŞ YZA SÜÝŞÜRILDI

NASA «Lunar Gateway» kosmos stansiýasynyň uçurylyşyny tehniki kynçylyklar sebäpli bäş ýyl yza süýşürdi. Bu barada ABŞ-nyň hökümetiniň Ýokary gözegçilik edarasynyň täze hasabatynda mälim edilýär. Stansiýanyň ilkinji elementleri asyl meýilnamada kesgitlenenden bäş ýyl soň – 2027-nji ýylyň dekabryndan gijä galman uçurylar.

«Lunar Gateway» Aýyň töweregindäki galo-orbitada uçmak we adamlaryň Aýa barmagyna gönükdirilen «Artemis» programmasynyň möhüm bölegi bolup hyzmat etmek üçin döredilen kiçijik kosmos stansiýasydyr. «Gateway»-i 2028-nji ýylyň sentýabr aýynda meýilleşdirilýän «Artemis IV» missiýasy üçin işe girizmek göz öňünde tutulýar. Şeýle-de bolsa, stansiýany işe girizmegiň häzirki tertibi missiýany goldamak üçin zerur möhletden eýýäm üç aý yza galýar.



Hasabatda stansiýa gözegçiligiň ýitirilmegine sebäp bolup biljek nädogry ulgam çipi bilen baglanyşykly çynlakaý tehniki kynçylyklaryň bardygy bellenilýär. Şeýle hem «Gateway»-iň güýç we hereketlendiriji elementi «SpaceX» kompaniýasynyň has uly «Lunar Starship»-i bilen sepleşende dogry ugry saklap bilmezligi bilen bagly howplar bar.

Şeýle hem hasabatda meýilleşdirilen 15 ýyllyk ulanyş möhletini we häzirki tehniki kynçylyklary göz öňünde tutup, «Gateway»-iň Mars missiýalary üçin peýdasynyň çäklidigi görkezilýär. Umuman aýdanyňda, «Lunar Gateway» maksatnamasy möhüm wezipeleriň amala aşyrylyşyna täsirini ýetirip biljek çynlakaý töwekgelçiliklere we gijikdirmelere duçar bolýar.

# Özboluşly stadion gurlar

**Saud Arabystanynda 2034-nji ýylda geçiriljek futbol boýunça Dünýä çempionaty üçin özboluşly stadion gurmak meýilleşdirilýär. «Neom» meýdançasy geljekki «The Line» aýna megapolisiniň taslamasynyň çäginde gurlar diýip, «Parametric Architecture» web saýty ýazýar.**

**Ýerden 350 metrden gowrak belentlikde ýerleşjek stadion dünýäde iň beýik sport desgalarynyň biri bolar. Binagärlik taslamasy aýna böleklerinden döredilen üçegi göz öňünde tutup, bu stadiona futuristik görnüşi berer. Stadiona 46 müňden gowrak adam sygar.**

**«Neom» stadionynyň tomaşaçylaryny we ýaýlyma berijilerini öňdebaryjy tehnologiýalar, şol sanda elektron petek we 4K Ultra HD ýaly ýaýlyma beriş enjamlary bilen üpjün etmek göz öňünde tutulýar. Dünýä çempionaty tamamlanandan soň, stadion professional futbol kluby üçin öý we «The Line» şäheriniň sport durmuşynyň merkezi bolar. Stadionyň gurluşygyna 2027-nji ýylda başlanyp, 2032-nji ýylda tamamlamak meýilleşdirilýär. «The Line» häzir Saud Arabystanynyň demirgazyk-günbatarynda gurulýan geljegiň megapolisidir. «Neom» ösüş taslamasyna laýyklykda, şäher biri-birine garşy parallel hatarlar görnüşinde ýerleşdirilen uzyn aýna fasadlardan ybarat bolar. Olary geçelgeler, açylýan köprüler we ýokary tizlikli ulag ulgamy birleşdirer.**





Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

# Dünýäniň iň gymmat IÝMITLERI

**Iýmit adamzat ýaşaýşy üçin esasy serişde bolup, gök-bakjadyr azyk önümleriniň köp görnüşi ähli ýerde diýen ýaly duş gelýär. Iýmit önümleriniň käbir görnüşi bolsa, belli bir sebitde öndürilmegi bilen tapawutlanyp, dünýäniň iň gymmat tagamlarynyň sanawyny emele getirýär. Seýrek duş gelýän iýmitlere isleg ýokarlandygyça, bahasy hem artýar. Geliň, seýrek duş gelýän, üýtgeşik tagamy bilen köpçüligiň ünsüni özüne çekýän dünýäniň iň gymmat iýmitleri bilen tanyş bolalyň!**



**Wagýu eti.** Dünýäde iň gymmat mal eti hasaplanýan wagýunyň meşhurlygy 2000-nji ýyllardan soň has-da artdy. Uly isleg bildirilýän wagýu eti diňe Ýaponiýada ösdürilip ýetişdirilýän iri şahly mallaryň ýörite tohumyndan alynýar. «Agzyňda eräp gidýär» diýilýän wagýu eti diýseň tagamly bolup, düzüminde köp mukdarda ýag bar. Mal ýörite usullar bilen soýlup, ýagyrnysynyň başlanýan ýerinden – gapyrga süňküniň oňurga birigýän ýerinden alynýar. Muňa başgaça, «kote de boeuf» (gapyrga biftegi) hem diýilýär.




**Kopi luwak.** Siwetta kofesi ýa-da kopi luwak Günorta Aziýada ýaşaýan siwet pişiginiň iýmit siňdiriş ulgamyndan geçen kofe dänelerinden alynýar. Kopi luwak dünýädäki iň gymmat kofe görnüşi bolup, Ýaponiýada, Hytaýda we Koreýa Respublikasynda has köp içilýär. Adatça tokaýda ýaşaýan siwet pişikleri bu önümi almak üçin ketekde saklanýar. Bu jandar kofeniň süýji dänelerini iýýär. Şeýlelik bilen kofeniň düzümindäki fermentler üýtgäp, başgaça tagama eýe bolýar. Kofe taýýarlanmazdan ozal, mazaly ýuwulýar, Günüň aşagynda guradylýar, gowrulýar we soňra demlenýär. Ilkibaşdaky süýjümtik kofe däneleri ahyrynda ýiti tagamly kofä öwrülýär.



**Şafran.** Hoşboý ysly gülden alyndan şafran dünýädäki iň gymmat ysly iýmit hasaplanýar. Baýyrlarda, dag eteklerinde ösýän şafran ýazda we güýzde gül açýar. Bu ösümligiň gülgün reňkli gülüniň gültäjinden gyzyl murtjagazlar ösüp çykýar. Hoşboý ysly iýmit gyzyl murtjagazlary ýolup, guradylyp ýygnamak arkaly taýýarlanýar. Juda ownuk iş hasaplanýan şafranyň 1 kilogramyny öndürmek üçin 80 müň düýp gül ýa-da 1 gektar şafranly meýdan gerek bolýar.



**Trýufel.** Brokkolä meňzeş gara kömelek bolan trýufel askomikota ýerasty kömelekleriň miweli bedenleridir. 100-den gowrak görnüşi bolan trýufel agaçlaryň düýbünde ösýär. «Aşhananyň göwheri» diýlip atlandyrylýan bu kömelekleri ýygnamak oba hojalyk işleriniň gyzgalaňly möwsüminde amala aşyrylýar. Fransuz, italýan, horwat, ispan we Ýakyn Gündogar aşhanalarynda trýufelden dürli tagamlar taýýarlanylýar. Trýufeliň ak görnüşi garasyndan has gymmat. Medenileşdirilen we ýabany ýagdaýda bitýän kömelegiň bu görnüşini doly tanamazdan iýmek maslahat berilmeýär.



**Işbil.** Balyk ýumurtgasy bolan işbil adatça, dünýäde iň gymmat iýmitleriň biri hasaplanýar. Şeýle-de bolsa, işbiliň ähli görnüşi beýle gymmat däl. Dünýädäki iň gymmat işbil bekre balygyndan alynýar. Ak bekräniň işbili gara bekräniň işbilinden has gymmat bolup, Hazar deňziniň günortasynda ýaşaýan bekrelerden alynýar.

# BAŞ EGIP SALAMLAŞMAK DÄBI

**Salamlaşmak edebiň başy bolup, adamlaryň arasyndaky özara hormaty artdyrýar. Salamlaşylanda birek-biregiň hal-ýagdaýy soralyp, gören-eşideniň barada birki agyz gürrüň edilýär. Salamlaşmak edebi irki ýyllardan bäri üns berilýän däpleriň biri bolup, bu endik her halkda milli derejede ösdürilipdir. Köp millet araçägi saklap söz üsti bilen salamlaşýan bolsa, köp halk elleşip ýa-da gujaklaşyp görüşmek arkaly salamlaşýar. Dünýä halklarynyň içinde ýaponlar özbolușly medeniýeti we milli däpleri bilen tapawutlanýar. Hatda olar biri-birini görenlerinde baş egip salamlaşýarlar. Ýapon medeniýetiniň irki döwürlerinden gözbaş alýan bu däp häzirki wagtda hem dowam etdirilýär. Sypaýyçylyk alamaty bolan salamlaşmagyň bu görnüşi birek-birege goýulýan çuňňur hormatyň nyşany hasaplanýar. Geliň, ýaponlaryň baş egip salamlaşmak däbi bilen ýakyndan tanyş bolalyň!**

**Ýaponlar salamlaşanda näme üçin baş egýärler?**

Ýaponiýada salamlaşmak ýönekeý hereket däl-de, sungat hasaplanýar. Kiçigöwünliligiň, hormatyň simwolik alamaty bolan baş egip salamlaşmak dini we söweş däplerinden gözbaş alýar. Salamlaşmagyň bu görnüşi ada döwletinde V-VIII asyrlarda buddaçylyk bilen bagly döreýär. Ybadathana baranlar heýkelleriň öňünde baş egýärler. Ruhanylar hem olara hormat hökmünde baş egýärler. Şeýlelikde, şol döwürler buddizmde takwalygyň we hormatyň nyşany hökmünde baş egip salamlaşmak däbi ýüze çykýar.



Bu däp X asyrda söweş meýdanlaryna hem täsir edip başlaýar. Şol ýyllar samuraýlar diýlip atlandyrylýan söweşijiler urşa girmezden ozal birek-birege baş egipdirler. Şondan soň samuraý gymmatlyklary edebiň we tertibiň nyşany hökmünde beýleki söweş sungatlaryna hem girizilipdir.

Ybadathanada dörän baş egip salamlaşmak däbi soňlugy bilen medeni däplere, jemgyýete aralaşyp, edep-terbiýe mekdebini emele getirýär. Adamlar adaty durmuşda, dabaralarda, köpçülik ýerlerinde tanyşlaryny görenlerinde baş egip salamlaşyp başlaýarlar. Şäherleşmäniň artmagy bilen bu däp tutuş ýurda ýaýraýar.

Daşyndan seredeniňde, hemmesi birmeňzeş ýaly bolup görünse-de, baş egip salamlaşmagyň birnäçe görnüşi bar. Ine, olaryň käbiri:

**Eşaku.** 15 dereje baş egilýän salamlaşmagyň bu görnüşi derejesi deň adamlaryň arasynda ulanylýar. Çalt we gysga görnüşde ýerine ýetirilýän salamyň bu görnüşi «tolkun atmak ýaly» hasaplanylýar.

**Senrei.** Ýygnaklarda, oturylyşyklarda ýerine ýetirilýän salam bermegiň bu görnüşinde adamlar biri-birine 30 dereje baş egýärler. Baş egip salamlaşmagyň bu görnüşi ýarym resmi salamlaşmak hasaplanýar.

**Keirei.** Hakyky resmi salam hasaplanýan bu görnüşde ýokary derejeli adamlaryň wezipesine görä 30-45 dereje aralygynda baş egilýär. Salamlaşmagyň bu görnüşi döwlet derejesinde geçirilýän çärelerde, forumlarda amala aşyrylýar.

**Seikerei.** 90 dereje baş egilýän salamlaşmagyň bu görnüşi çuňňur gynanjy, çuňňur hormat goýmagy ýa-da ýürekden ötünç soramagy aňladýar. Salamlaşmagyň bu görnüşi dini däplerde, ene-ata, ýaşulular bilen özara gatnaşykda ýerine ýetirilýär.

Umuman, baş egip salamlaşmagyň iň möhüm tarapy – başyňy we egniňi wagtlaýyn aşak egmek garşyňda duran adama çuňňur hormatyň we şol adamyň şahsyýetini hem-de derejesini ykrar etmegiň nyşanydyr. Baş egmek Ýewropa ýurtlarynda we Hindistanda duş gelýän kada bolsa-da, Ýaponiýada baş egip salamlaşmak hemişelik medeniýet, kök uran sosial kadalaryň biridir.

# Näme üçin deňiz balykçylary tutan balyklaryny iýmeýärler?

**Deňiz balykçylarynyň tutan balyklaryny iýmeýändikleri ençeme ýyl bäri belli. Olar uzak wagtlap deňizde bolýarlar, emma balyk iýmeýärler. Eýsem, deňiz balykçylarynyň arasynda tutan balyklaryny iýmek gadaganmy ýa-da munuň başga sebäpleri barmy? Geliň, olaryň bu syryny öwreneliň!**

Gadymy döwürlerde deňiz balykçylarynda ýanynda alyp gaýdan iýmitini we naharyny zaýalaman saklamak üçin şertiň ýokdugy sebäpli, olar guradylan çörek we gök önümler bilen naharlanypdyrlar. Deňizde kyn şertlere duçar bolýan balykçylar balyk iýip bilerdiler, ýöne muny hiç haçan etmändirler. «Güýçli tupanda tolkunlar gämini urup, suw syçramagyň netijesinde ähli zat isribe çykardy. Biziň iň ygtybarly iýmitimiz kakadylan duzly çörek. Mata haltada duran bu çörek 3-4 aýlap zaýalanmaýar. Suwa basyp gury çörek iýmek iň lezzetlisi» diýip, balykçylar deňizdäki durmuşy gürrüň berýärler.

Geografik açyşlar döwründe italýan deňizçisi Antonio Pigafetta öz ýatlamalarynda gäminiň kapitanynyň tutulan balyklary iýmeýändigini ýazýar. Pigafetta munuň näme üçin beýledigini öwrenip: «Olar diňe tanaýan balyklaryny seýrek ýagdaýda iýýärler. Sebäbi zäherlenmekden gorkýarlar» diýip belleýär.



Elbetde, deňiz balykçylarynyň arasynda irki ýyllarda balyk iýmegiň netijesinde birnäçe betbagtçylykly ýagdaýlar bolandan soň, balyk iýmezlik däbi tutuş dünýä ýaýraýar. Üstesine gaýykda ýa-da gämide balyk bişirmek üçin şert hem ýok.

**BALYKDA ZÄHER BARMY?**

Deňiz balyklarynyň käbiriniň bedeninde örän az mukdarda zäher saklanýar. Bu zäher balyk ulaldygyça köpelip, tutuş bedenine ýaýraýar. Zäherli balyk näçe bişirilse-de, zäheri ýok bolmaýar. Şol sebäpli deňiz balykçylary tutan balyklaryny iýmekden saklanýarlar. Ispan balykçylary zäherli balygy tapawutlandyrmak üçin tutan balygyna kümüş teňňe dakyp görýärler. Eger teňňäniň reňki üýtgese, balyk zäherli hasaplanyp, gaýtadan deňze goýberilýär. Beýleki balykçylar bolsa, tutan balyklaryna siňekdir mör-möjekleriň gelýändigi ýa-da gelmeýändigi bilen zäherli balygy tapawutlandyrýarlar.

## ÇAGALAR

**8 millimetr uzynlykdaky panda garynjasy 2 ýyla çenli ýaşaýar.**

# Toparlaýyn oýunlaryň ÇAGALARYŇ ÖSÜŞINE TÄSIRI

**Çagalyk ýyllaryndan başlap sport bilen meşgullanmagy ýola goýmak akyl we fiziki taýdan sagdyn ösmäge ýardam edýär. Esasan hem, toparlaýyn oýunlar has peýdaly bolup, oňyn täsirleri döredýär. Hünärmenler çagalaryň ösüşi bilen bagly geçiren soňky barlaglarynda toparlaýyn oýunlaryň çagalaryň sagdyn ösmegi üçin peýdalydygyny ýüze çykardylar. Toparlaýyn oýun oýnamagyň peýdaly taraplary:**

**Özüňe bolan ynamy artdyrýar.** Öňünde maksat goýan toparyň bir bölegi bolmak, ýoldaşlaryň bilen bilelikde ýeňşe tarap hereket etmek özüňe bolan ynamy artdyrýar. Toparyň ýeňşine goşant goşmak, oýunda utuk gazanmak hormatyňy artdyryp, minnetdarlyk duýgusyny güýçlendirýär. Topar maksadyna ýetende özüňi has-da arkaýyn we ynamly duýýarsyň.

**Gowy gatnaşygy ýola goýmaga kömek edýär.** Bilelikde türgenleşmek, oýunlara deň derejede taýynlyk görmek ýoldaşlaryň bilen gowy gatnaşyk saklamaga ýardam edýär. Agzybir bolmagy, birek-biregi sylamagy, hormat goýmagy öwredýär. Gowy gatnaşyk saklaýan oýunçylardan düzülen topar hemişe ýeňiş gazanýar.

**Oýun endiklerini ösdürýär.** Topar bolup oýun oýnamak oýun endikleriniň kämilleşmegine ýardam edýär. Oýnuň düzgünlerine we çylşyrymly ýagdaýlara görä her bir oýunçy dürli tilsimleri ýerine ýetirmeli bolýar. Oýundan soň tälimçiniň ýa-da ýoldaşlaryň tankydy belliklerini diňlemek we düzetmek özüňi kämilleşdirmäge ýardam edýär.

**Ýeňlişi kabul etmegi öwredýär.** Durmuşda bolşy ýaly, oýunda hem hemişe üstünlik gazanylmaýar. Käte ýeňiş gazansaň, käte ýeňlişiňi boýun almaly bolýar... Oýunçylar näçe taýýarlykly bolsalar-da, gowy oýnasalar-da, käte ýeňşi elden giderýärler. Bu ýagdaý şowlulyk bilen bagly bolup, ýeňlişler ýaşlykdan adamy durmuşa taýýarlaýar.



**Durmaly ýeriňi bilmegi öwredýär.** Toparlaýyn oýun oýnalanda, her oýunçy öz başarjaňlygyna görä durmaly ýerlerine bölünýär. Mysal üçin, futbolda sen topy gorkman saklaýan bolsaň derwezeçi, çalt ylgaýan bolsaň hüjümçi, topa gowy erk edip bilýän bolsaň goragçy ýaly görnüşde bölünýär. Bu ýagdaý durmuşda hem näme başarýandygyňy bilmäge, nirede durmalydygyňy öwrenmäge ýardam edýär.

**Zähmet çekmegi öwredýär.** Esasy zat zehin bolsa-da, zähmet çekmek esasynda zehin kämilleşýär. Toparlaýyn oýunlarda ýoldaşlaryň bilen bilelikde köp zähmet çekilýär. Topar bolup türgenleşilende beýlekiler bilen bilelikde ýalta, işe bişmedikler hem zähmet çekmegi endik edýärler. Şeýlelikde, toparyň täsiri netijesinde zähmetkeş ynsanlar kemala gelýär.

# Dostlaryň bilen nädip gowy gatnaşykda bolmaly?

**Tomusky dynç alyş möwsümi gyzykly we gyzgalaňly dowam edýär. Mähriban çagalar, köpiňiz dynç alyş we sagaldyş merkezlerinde dynç alan bolsaňyz gerek. Tomusky dynç alşyň soňky aýynda ýurdumyzyň dürli künjeklerinde dynç alýanlaryňyz hem bardyr. Ýatdan çykmajak pursatlara, wakalara baý tomusky dynç alyşda täze zatlary öwrenensiňiz, dürli oýunlara güýmenip, täze dost tutunansyňyz. Eýsem, täze tutunan dostlaryňyz ýa-da joralaryňyz bilen gowy gatnaşykda bolmak isleýäňizmi? Munuň üçin käbir şertlere üns bermeli. Hünärmenler dostlaryň bilen ýakyn gatnaşykda bolmak üçin şu maslahatlary berýärler:**

**Meýilleşdirilen duşuşyklar.** Dostlaryň bilen her aý öňünden belleşilen günde görşüp, söhbet etmeli. Duşuşygy seýilgähde gezelenç etmek, bilelikde çaý içmek ýa-da onlaýn usulda hem gurap bolar. Eger-de dostuňyz bilen ýakyn ýerde ýaşaýan bolsaňyz, öýüňize çagyryp hem bilersiňiz. Dostlaryň bilen ýygy-ýygydan görüşmek berk we dowamly baglanyşygy döredýär. Şeýle hem siziň akyl we beden taýdan kadaly ösmegiňize ýardam edýär.

**Hepdelik jaňlar.** Dostuň bilen ýüzbe-ýüz görüşmek iň gowusy, ýöne aralyk uzak bolsa, hepdede bir gezek jaňlaşyp, hal-ýagdaý soraşmaly. Dostlaryňyz bilen jaňlaşmak üçin senenama ýatlatmasyny hem düzüp bilersiňiz. Käte okuw, öý işleri, sport türgenleşikleri ýa-da okuw kurslary bilen başagaý bolup, dostlaryňyz bilen habarlaşmaga wagtyňyz hem bolman biler. Şeýle ýagdaýda dostlaryňyza sms habaryny ugratmaly. Begendiriji, goldaw beriji sözler sizi dostlaryňyz bilen has-da ysnyşdyrar. Özüňizi ruhy taýdan has gowy duýmagyňyza ýardam eder.



**Ýandepderçe tutmak we sanaw düzmek.** Dostlaryňyzyň adyny, salgysyny we telefon belgisini ýazyp, sanaw düzüň! Mümkin bolsa, dostlaryňyz üçin ýandepderçe tutuň! Ýandepderçäňize dostlaryňyz baradaky ýatlamalaryňyzy, gyzykly gürrüňleriňizi ýazyň! Aýlar-ýyllar geçenden soň ýandepderçäňizi açyp okanyňyzda dostlaryňyz baradaky ýakymly ýatlamalaryňyza begenersiňiz. Umuman, «Özüňi süýt bil, dostuňy – gaýmak» diýlişi ýaly, dostlaryňyza hormat goýup, olary gadyrlaň! Dostlaryňyz bilen ýygy-ýygydan habarlaşyp, hal-ýagdaýlaryny soraň!

# PANDA garynjasy

**Tebigatda mör-möjekleriň bize mälim bolmadyk görnüşleriniň birnäçesi ýaşaýar. Şolaryň biri hem «panda garynjasy» ady bilen tanalýan alabeder garynjadyr. Ylmy ady «euspinolia militaris» bolan garynjanyň bu görnüşi 1938-nji ýylda ýüze çykarylýar. Panda garynjasy Çiliniň gury kenarýaka sebitlerinde, gyrymsy agaçly tokaýlarynda ýaşaýar. Kellesi ak garynjanyň monjuk ýaly garaja gözleri, alty aýagy bolup, agzynda iki sany şahy bar. Bedeni ak we gara tegmilli panda garynjasynyň köpelýän jynsy ganatsyz bolup, erkekleriniň ganaty bar. 8 millimetr uzynlykdaky kiçijik garynjalar daşky howplardan goranmak üçin ultrases bölüp çykarýarlar. Garynjanyň bu görnüşiniň täsin tarapy bular topar bolup ýaşamaýarlar. Garynjanyň bu görnüşi gülleriň nektary bilen iýmitlenýärler. Tebigatda çyglylygy saklamaga ýardam edýän panda garynjalary 2 ýyla çenli ýaşaýar. Alabeder garynja dünýäniň ýeke-täk bir ýerinde – Çilide ýaşaýan täsin endemik mör-möjek hasaplanýar.**



**Sanlary birleşdiriň we şekili reňkläň!**



**Labirint**



**7 tapawudy tapyň!**





Gyzykly pursat

# XXI asyryň iň gowy 100 kitaby

«New York Times» gazeti XXI asyryň iň gowy 100 kitabynyň sanawyny neşir etdi. Gazetiň işgärleri awtorlaryň, edebi tankytçylaryň we edebiýaty söýüjileriň arasynda 2000-nji ýyldan bäri neşir edilen iň oňat 10 kitabyň adyny aýtmagyny haýyş edip, pikir soralyşyk geçirdiler. Netijede, sanawy düzmäge 503 adam gatnaşyp, olaryň arasynda Stiwen King, Jeýms Patterson, Sara Jessika Parker, Marlon Jeýms ýaly meşhur ýazyjylar we beýlekiler bar.

– Siz özüňiziň okamak isleýän kitabyňyza gabat gelersiňiz ýa-da ýene-de eliňize alyp görmek isleýän iň söýgüli kitabyňyza duşarsyňyz diýip umyt edýäris. Ozaly bilen, siz hem eserlerde hödürlenen pikirleriň, tejribeleriň we arzuw-hyýallaryň giňligine haýran galarsyňyz we edil biz ýaly ruhlanarsyňyz – diýip, neşirde bellediler.

«New York Times»-yň iň gowy 100 kitabyň sanawynda Elena Ferranteniň «Meniň genial dostum» atly eseri birinji orunda durýar. Şeýlelikde, ilkinji onluga Izabel Wilkersonyň «Beýleki günleriň ýylylygy: Amerikanyň beýik göçüşiniň epiki taryhy»,



Hilary Manteliň «Möjek zaly», Edward Pol Jonsyň «Belli dünýä», Jonatan Franzeniň «Düzedişler», Roberto Bolanonyň «2666», Kolson Waýthediň «Ýerasty demir ýoly», Winfrid Georg Zebaldyň «Austerlis», Kadzuo Isiguronyň «Meni goýberme» we Merilin Robinsonyň «Galad» ýaly eserleri girdi.

# Ýatlamalar kitabyny çykarar

ABŞ-nyň öňki Prezidenti Donald Trampyň aýaly Melaniýa Tramp iki görnüşde terjimehal kitabyny çykarjakdygyny mälim etdi. Bu barada ABŞ-nyň öňki birinji hanymynyň web saýtynda habar berilýär. «Melaniýa» diýlip atlandyryljak bu kitapda şahsy babatda kämillige ýeten, päsgelçilikleri ýeňip geçip, durmuşda öz ýoluny goýan zenanyň güýçli taraplary we ylham beriji başdan geçiren wakalary barada gürrüň berilýär.

«Kitapda özboluşly durmuşda ýaşan öňki birinji hanymyň keşbi bütin aýdyňlygy bilen beýan edilip, okyjylary öz dünýäsine imrindirýär» diýlip, ýatlamalar kitabynyň sözbaşysynda bellenilýär. Kitabyň sahypalarynda ozal hiç ýerde çap edilmedik suratlaryň we ýatlamalaryň boljakdygy habar berilýär.

ABC teleýaýlymy kitabyň güýzde çapdan çykjakdygyny belleýär. Teleýaýlymyň habaryna görä, öňki birinji hanym kitabyň takyk çykjak senesini yglan etmedi, ýöne özüniň resmi web sahypasynda kitabynyň her iki nusgasy üçin öňünden sargytlary kabul edýändigini habar berdi. Onuň kitabynyň birinji görnüşi 256 sahypadan




ybarat bolup, onda «Melaniýa» diýlip gol çekilen suratlary ýerleşdirilen. Ikinjisi 304 sahypadan ybarat giňeldilen görnüşi bolup, şahsy arhiwinden alnan 60-a golaý surat bilen bezelipdir. Bu kitabyň Melaniýanyň öz durmuşy barada ýazan ilkinji kitabydygy agzalýar. Teleýaýlymyň habaryna görä, bu kitap ozal Donald Trampyň egindeşleri bilen işleşen «Skyhorse Publishing» neşirýaty tarapyndan çap ediler.

# Paýhaslar

☑ Durmuşy durmuşyň manysyndan has gowy görmeli.

***Fýodor Dostoýewskiý.***

☑ Berjaý edip biljek ähli zadyňyzy edip başlaň – iň bolmanda arzuw edip boljak ähli zadyňyzy. Batyrlykda zehin, güýç we jady bar.

***Iogann Wolfgang Gýote.***

☑ Bagt taýýar zat däl. Bagt diňe hereketleriňize baglydyr.

***Dalaý Lama.***

☑ Ýel ýok bolsa, kürekläň!

***Latyn nakyly.***

☑ Eger-de içki ses size surat çekip bilmejekdigiňizi aýtsa, mümkin boldugyça köpräk çekiň, şonda ol ses sem bolar.

***Winsent Wan Gog.***

☑ Biz pikir edýän kişimiz bolýarys.

***Erl Naýtingeýl.***

☑ Men ýagdaýlaryň pidasy däl-de, kararlarymyň netijesi.

***Stiwen Kowi.***

☑ Hiç haçan ýalňyşmaýan adam hiç haçan täze zada synanyşmaýan adamdyr.

***Albert Eýnşteýn.***

☑ Adam üç ýagdaýda has tiz öwrenýär – 7 ýaşa çenli, türgenleşikde we durmuş sizi bir burça dykanda.

***Stiwen Kowi.***

☑ Hiç wagt hemme zady bilýärin diýip pikir etmäň! Saňa näçe ýokary baha berselerde, elmydama özüňe: «Men nadan» diýmäge gaýratyň çatsyn.

***Iwan Pawlow.***

☑ Durmuşyňyzdaky bar zatlar hakda pikir etseňiz, elmydama has köp zada eýe bolup bilersiňiz. Eger ýok zada bil baglaýan bolsaňyz, hiç haçan ýeterlik zadyňyz bolmaz.

***Opra Winfri.***

☑ Möhüm zatlar hakda gürrüň etmegi bes edenimizde biziň durmuşymyz ahyrlap ugraýar.

***Martin Lýuther King-kiçi.***

☑ Her pikir hamyr ýalydyr, ony gowy ýugursaň, ondan bir zatlar taýýarlap bilersiň.

***Iwan Turgenow.***

☑ Eger-de siziň razylygyňyz bolmasa hiç kim sizi özüňize kembaha bermäge mejbur edip bilmez.

***Eleonora Ruzwelt.***

# Buker baýragynyň uzyn sanawy

2024-nji ýylyň «Buker» baýragynyň uzyn sanawy mälim edildi. Şu ýylky abraýly baýraga hödürlenen 156 kitabyň 13-si sanawda orun aldy. Bu möwsümdäki Buker baýragyna dalaşgärleriň ýarysyna golaýy geçen ýyllardaky gatnaşyjylardan ybarat. Olaryň arasynda 20-den gowrak romanyň awtory bar. Mysal üçin, Persiwal Ewerett 2022-nji ýylda «Agaçlar» romany üçin gysga sanawa girizilipdi. Reýçel Kuşner («Mars otagy») we Riçard Pauers («Ýokarky hatar») ýaly awtorlar bolsa, Anna Bernsiň «Süýt satyjysyndan» asgyn gelip, 2018-nji ýylda gysga sanawa girizilipdi.

«Sürgün, göçe-göçlük, şahsyýet – 2024-nji ýylyň uzyn sanawyndaky birnäçe kitapda aýratyn orun eýeleýän mowzuklardyr» diýlip, baýragyň web saýtynda aýdylýar. Bu ýylky emin agzalaryna ýazyjylar Edmund de Waal we Sara Kollinz, «The Guardian» gazetiniň redaktory Jastin Jordan, professor Li Iýun we kompozitor Nitin Souni ýolbaşçylyk edýär.

Dalaşgärleriň uzyn sanawynda iňlis dilinde neşir edilen 13 kitap bar:

– Kolin Barrett «Ýabany jaýlar» (Wild Houses), Rita Bullwinkel «Kellä atylan ok» (Headshot), Persiwal Ewerett «Jeýms» (James), Samanta Harwi «Orbita» (Orbital), Reýçel Kuşner «Ýaradylan köl» (Creation Lake), Hişam Matar «Meniň dostlarym» (My Friends), Kler Messud, «Bu geň, waka baý hekaýat» (This Strange Eventful History), Tommi Orinç «Sergezdan ýyldyzlar» (Wandering Stars), Anna Maýklz «Saklanýan» (Held), Sara Perri «Aň-bilim» (Enlightenment), Riçard Pauers «Oýun meýdançasy» (Playground), Ýael wan der Wauden «Saklawhana» (The Safekeep), Şarlott Wud «Daş howludaky ruhy oýlanmalar» (Stone Yard Devotional).

Buker baýragyna dalaşgärleriň altysynyň gysga sanawy 16-njy sentýabrda yglan ediler. Gysga sanawa giren her bir ýazyjy 2500



funt sterling we öz kitabynyň ýörite neşirini alar. Baýragyň ýeňijisi 12-nji noýabrda Londonda geçiriljek dabarada we agşamlyk naharynda mälim ediler. Ýeňiji 50 müň funt sterling bilen sylaglanar. Buker baýragy 1968-nji ýylda döredildi. 2014-nji ýyldan başlap, bu baýraga kitaplary Birleşen Patyşalykda neşir edilen iňlis dilli islendik ýazyjy dalaşgärlik edip bilýär. Ondan öň bu baýrak diňe Angliýanyň, Irlandiýanyň we Britan Arkalaşygynyň awtorlary üçin elýeterlidi.

**Dursun JUMAGELDIÝEWA.** *Döwletmämmet Azady adyndaky Arkadag şäher kitaphanasynyň «Neşirleri saklamak» bölüminiň 1-nji derejeli kitaphanaçysy.*

# Hormat ordeni bilen sylaglandy

Belli rus ýazyjysy Aleksandr Solženisynyň aýaly, ýanýoldaşynyň adyny göterýän gaznanyň başlygy Natalýa Solženisyna «Watan öňündäki hyzmatlary üçin» III derejeli orden bilen sylaglandy. Bu baradaky karara Russiýanyň Prezidenti Wladimir Putin gol çekdi.

«Natalýa Solženisyna «milli medeniýetiň ösmegine, işjeň haýyr-sahawat we jemgyýetçilik işlerine goşan uly goşandy üçin» sylaglandy» diýlip, resminamada bellenilýär. Prezident ýazyjynyň ýanýoldaşyny doglan güni bilen gutlady we Russiýa Federasiýasynda haýyr-sahawat hem-de aň-bilim ýaýradyjylyk däpleriniň ösmegine goşýan goşandyny, rus emigrasiýasynyň taryhyny, ýaşaýyş-durmuşyny we ruhy mirasyny öwrenmäge gyzyklanma döredýändigini belledi. Şeýle hem Natalýanyň durmuşynyň baş wezipesiniň özboluşly eserleri we ynsanperwer pikirleri, şübhesiz, rus medeniýetiniň aýrylmaz bölegi bolan Aleksandr Solženisynyň ruhy gymmatlyklaryny goramakdygyny aýtdy.





Häzirki wagtda Solženisynyň adyny her bir sowatly adam bilýär. Oňa dürli-dürli garaýarlar, ýöne biparh adam ýok. 2018-nji ýylda ýazyjynyň doglan gününiň 100 ýyllygy bellenildi. Şol ýyl Solženisynyň öý muzeýi, Rýazanda muzeý-goraghanasy açyldy we onuň «Arhipelag-Gulag» eseriniň ylmy düşündirişi taýýarlanyp, neşir edildi.



## 40-njy KROSSWORD

**Bahargül LALLYKOWA,** *«Ahaltelekom» WEAK-nyň Babadaýhan etrap bölüminiň hünärmeni.*



## 41-nji KROSSWORD

**DIKLIGINE:** **1.** Dyngy belgi. **2.** Ýurdumyzyň taryhy ýadygärlikleriniň biri. **3.** Käwagt, kämahal. **4.** Boýny uzyn goýun. **6.** Uçup bilmeýän totynyň iň agyr görnüşi. **7.** Içine ýag, bal salar ýaly agzy giň, syrçaly kiçijik küýze. **10.** Amerikan jübüt tansy. **12.** Türk köçe tagamlarynyň biri. **14.** Dag geçelgesi. **16.** Afrikada uly çöl. **17.** Deňiz jandary. **18.** Ýuwaş ummanynda ada döwleti. **19.** Şaýylyk, teňňe (köne söz). **20.** Şweýsar sagat kompaniýasy. **22.** Aşhana enjamy. **23.** Ýokary ýogyn ses. **27.** Içine suw guýulýan kädi. **28.** Üflenip çalynýan saz guraly. **29.** Ýokary wezipeli şahs, jogapkärli wezipäniň başynda duran adam. **30.** Fransuz sport awtoulagy. **31.** Saçakçy. **32.** Kepderi ýaly ululykda, goňrumtyl reňkli, beýleki guşlaryň höwürtgesinde ýumurtgalaýan guş. **33.** Beden synasy. **34.** Türkiýäniň ilkinji Prezidenti. **38.** Gyz ady. **45.** Uzyn kösükli birýyllyk ösümlik, şeýle hem onuň süýri däneli hasyly. **46.** «Bilmeýen soranlara aýdyň bu garyp adymyz: Asly – gerkez, ýurdy – ..., ady Magtymgulydyr» (Magtymguly Pyragy). **48.** Çowlukdan bolan çaga. **49.** Ispaniýanyň gadymy şäheri. **50.** Geýim-gejimiň ýakasy. **52.** Bir zadyň gyrasy, kenary. **53.** Azat, özbaşdak. **54.** Kambojanyň paýtagty. **55.** Ýanýan oduň syçraýan ownujak bölejikleri. **60.** Piksel diýilýän nokatlardan ybarat bolan surat. **61.** «... aldyrsa elden köşegin, /Bagryn bozup bozlamaýyn bolarmy?» (Magtymguly Pyragy). **62.** Berlen ulgamdaky maddy nokadyň hereketiniň traýektoriýasy. **63.** Asmana göterilmek, ganat ýaýyp howada gaýmak. **66.** Iň haýal jandarlaryň biri. **68.** Senegalda bir köl. **69.** Şaýylyk pul (köne söz).

**KESELIGINE:** **1.** ...-uşak, kiçi bölejikler. **4.** Oglan ady. **5.** Göze dakylýan enjam. **7.** Haly, palas ýaly önümleriň ýüzüne salynýan esasy nagyş. **8.** Başarnykly, ukyply, işine ökde. **9.** Düýp, teý. **11.** «Meniň jigim gerekli, /Eli ... çörekli» (hüwdi). **13.** Adaty zada öwrülen gylyk. **15.** Geometrik şekil. **17.** Suwly ekerançylyk sebitlerinde suw paýlamak, suw nobatyna we suw tutmaly wagta gözegçilik edýän adam. **18.** Sygyr sürüsi. **21.** Haşal otlar toplumy. **24.** Osman imperiýasynyň soltany Abdul ... **25.** Angliýanyň paýtagty. **26.** Zyýan, zelel. **27.** Boliwiýanyň paýtagty. **30.** Ýurdumyzda şypahanalaryň biri. **32.** Aralyk, ortalyk. **35.** Dünýäniň iň meşhur we syrly arheologik ýerleriň biri «...-Pikçu». **36.** Aýdymyň sözlerini, sazyny özi düzüp, özi ýerine ýetirýän ussat, ozan. **37.** Günäli, ýazykly. **39.** Russiýanyň bir şäheri. **40.** Sungatyň bir žanry. **41.** Dürli ululykdaky halka görnüşli aýlaw. **42.** Oglan ady. **43.** Amerikan sport aýakgap brendi. **44.** Italiýanyň futbol topary. **47.** Köp iýmegi halaýan, iýegen. **51.** Agyrlyk üçin gurşun guýlan saldamly aşyk. **56.** Ýatylanda ýapynmak üçin içine pagta, ýüň salyp tikilýän ýapynja. **57.** Balyk tutulýan gural. **58.** Boswelliýa agaçlaryndan alnan ysly çybyk. **59.** Bir zadyň yz tarapy. **62.** Balygyň bir görnüşi. **64.** Un elenende galýan ownuk däne gabyklary. **65.** Deňziň, derýanyň, kölüň gyrasy. **67.** Gyz ady. **69.** Şar görnüşli, rezinden edilýän top. **70.** Hindi aktrisasy Aýşwarýa ... **71.** «Ýüz tomaşadan bir ...» (nakyl). **72.** Ýeke, ýalňyz. **73.** Kösügi käşire meňzeş, ownuk ýaprakly derman ösümlik. **74.** Okuw esbaby. **75.** Musulman ýyl hasabynda dokuzynjy aýyň ady.

39-njy krosswordyň jogaby:



32-nji skanwordyň jogaby:



33-nji skanwordyň jogaby:



34-nji skanwordyň jogaby:



# MEDAL SANAWYNDA BIRINJILIK UGRUNDA ÝITI GÖREŞ



**Tamamlanyp barýan Pariž 2024 XXXIII tomusky Olimpiýa oýunlarynda medal sanawynda 12 günüň netijesi boýunça ABŞ öňde barýar. Bu ugurda hytaýlylar bilen ýiti göreş alyp barýan ABŞ-nyň türgenleri 27 altyn, 35 kümüş, 32 bürünç, jemi 94 medal gazandylar. Olaryň söbügini basyp barýan hytaýlylaryň 25 altyn, 23 kümüş, 17 bürünç, jemi 65 medaly bar. 3-nji ýer ugrunda ilkinji 10 günde Awstraliýa bilen ýer eýeleri Fransiýanyň arasynda ýiti göreş bolupdy. Ýöne soňky 2-3 günde awstraliýalylar artykmaçlyk görkezip, arany 5 altyn medala çenli açmagy başardylar.**

**Ilkinji 12 günde Pariž 2024-de Karib deňzinde ýerleşýän Sent-Lýusiýa, Dominika (ikisi-de altyn) hem-de Afrika yklymyna degişli, Atlantik ummanyndaky ada döwlet Kabo Werde (bürünç) ilkinji Olimpiýa medaly gazanyp, medal gazanyp bilmedik ýurtlaryň umumy sanawyndan çykmagy başardy. 3 ýurt hem 1996-njy ýylda ikinji gezek Olimpiýa oýunlaryna gatnaşyp, 8-nji synanyşyklarynda medal gazanmagyň hötdesinden geldi.**

**Tomusky Olimpiýa oýunlary 11-nji awgustda, hepdäniň ýekşenbe güni ýapylyş dabarasyndan soň tamamlanar.**

## SPORT GIMNASTIKASY

● **9-njy Olimpiýa medalyny gazandy.** Sport gimnastikasynda köpgörnüşli ugur boýunça zenanlaryň arasynda amerikaly Simona Baýlz 2016-njy ýyldan soň 2-nji gezek altyn medaly eýeledi. Bu ugurda 2004-nji ýyldan bäri amerikaly gyzlara taý tapylanok. 59,131 utuk toplan Baýlz Paryždäki 2-nji altyn medalyny boýnuna dakdy. Kümüş medala Tokio 2020-de bolşy ýaly ýene-de braziliýaly Rebeka Andrade mynasyp boldy. Bürünç medaly Tokio 2020-niň çempiony amerikaly Sunisa Li gazanmagy başardy. Simona Baýlz pürsden bökmekde-de braziliýaly Rebeka Andradeden hem-de watandaşy Jeýd Kareýden öňe saýlandy. Bu onuň 7-nji altyn medaly boldy. Dürli beýiklikdäki pürslerde görkezilen maşklaryň netijesinde alžirli Kaýlia Nemur altyn, hytaýly Siýuý Siýuýan kümüş, amerikaly Sunisa Li bürünç medal aldy. Pürsde hereket etmekde italiýaly Alise D'Amato altyn, hytaýly Çžou Lakin kümüş, başga bir italiýaly Manila Esposito bürünç medala mynasyp boldy. Erkin maşklar boýunça altyn medaly braziliýaly Rebeka Andrade alsa, Simona Baýlz kümüş, watandaşy Jordan Çilz bürünç medal gazandy.



Simona Baýlz, Karlos Ýulo

Erkekleriň arasyndaky ýaryşlarda filippinli Karlos Ýulo erkin maşklar hem-de pürsden bökmek boýunça ýeňiji boldy. Bu Filippinleriň Olimpiýa oýunlarynyň taryhyndaky 2–3-nji altyn medaly hökmünde hasaba alyndy. Halkada hytaýly Liu Ýan hem-de parallel bruslarda hytaýly Szou Szinýuan bassyr 2-nji altyn medallaryny gazandylar. Olar Tokioda-da çempion bolupdylar. Agaç eşek görnüşde irlandiýaly Rys MakKlenagan altyn medal gazanmagy başardy.

## DZÝUDO

● **Teddi Riner 5-nji altyn medalyny gazandy.** Erkekleriň arasynda 100 kg agramdan ýokary bolanlaryň ýaryşynda fransiýaly meşhur dzýudoçy Teddi Riner täzeden münberiň iň ýokary basgançagyna çykdy. Ol finalda koreýaly Min Žon Kimi ýeňlişe sezewar edip, bu ugurda 3-nji altyn medalyny gazandy. Londondyr Rioda ýeňiji bolan Riner Tokioda bürünç medal bilen oňňut etmeli bolupdy. Täjigistanly Temur Rahimow bilen özbegistanly Alişer Ýusupow bürünç medala mynasyp boldular.



Teddi Riner

Erkekleriň arasynda 100 kg agram derejesindäki ýaryşda azerbaýjanly Zelym Kosoýew finalda gruziýaly Ilia Sulamanidzeden üstün çykyp, altyn medala mynasyp boldy. Bu ugurda bürünç medallary özbegistanly Muzaffarbek Turoboýew bilen ysraýylly Peter Paltçik eýeledi.

Zenanlaryň arasynda 78 kg agram derejesinde italiýaly Alise Bellandi çempion bolup, ol finalda ysraýylly Inbar Laniri ýeňlişe sezewar etdi. Hytaýly Ma Çžençžao bilen portugaliýaly Patrisia Sampaio bürünç medal gazanan dzýudoçylar boldy.

78 kg agramdan ýokary bolanlaryň ýaryşynda braziliýaly Beatris Souza finalda ysraýylly Raz Herşkony ýeňip, altyn medal gazandy. Bürünç medallary koreýaly Ha Ýun Kim bilen fransiýaly Romane Diko eýelediler.

Toparlaýyn ýaryşda fransiýaly dzýudoçylar finalda ýaponiýalylardan 4:3 hasabynda üstün çykyp, Tokiodan soň özlerinde-de altyn medal gazanmagy başardylar. Toparyň agzasy Teddi Rineriň altyn medallarynyň sany 5-e ýetdi. Onuň 2 bürünç medaly hem bar.

## NYŞANA OK ATMAK

● **Hankok soňky 5 Olimpiadada 4-nji gezek çempion boldy.** Nyşana ok atmakda erkekleriň arasynda 50 metr tüpeň 3 dürli ýer görnüşinde hytaýly Liu Ukun altyn medal gazandy. Ol finalda ukrainaly Sergeý Kulişden üstün çykdy. Bürünç medala hindistanly Swapnil Kusale mynasyp boldy. Bu hindileriň nyşana ok atmak boýunça Parižde gazanan 3-nji bürünç medalydyr.



Winsent Hankok

Zenanlaryň arasynda 50 metr tüpeň 3 dürli ýer gönüşde bu ýylam şweýsariýaly türgen çempion boldy. Tokio 2020-de Nina Kristen Olimpiýa rekordyny goýup, altyn medal gazanypdy. Parižde şol türgeniň watandaşy, başga bir şweýsariýaly zenan Çiara Leone hem Olimpiýa rekordyny täzeläp, altyn medaly eýelemegi başardy. Amerikaly Sagen Maddelena kümüş, hytaýly Çžen Sionýue bürünç medala mynasyp boldy.

Erkekleriň arasynda 25 metr ot açýan sapança ýaryşynda hytaýly Li Ýuehon ýurduna ilkinji altyn medalyny gazandyrdy. Günorta koreýaly Ýeon Žae Ço kümüş, hytaýly Wan Şinži bürünç medal aldy. Zenanlaryň arasynda bolsa koreýaly Ži In Ýan altyn, fransiýaly Kamill Ýederzeýewski kümüş, wengriýaly Weronika Maýor bürünç medala mynasyp boldy.

Skit ýaryşynda amerikaly Winsent Hankok bassyr 2-nji, umumylykda 4-nji altyn medalyny gazandy. Ol 2008-nji ýyldan bäri diňe 2016-njy ýylda altyn medal gazanyp bilmedi. Amerikaly Konnor Prins kümüş, Hytaý taýpeýli Li Men Ýuan bürünç medala eýelik etdi. Zenanlaryň arasynda çilili Fransiska Krowetto altyn, britaniýaly Ember Rutter kümüş, amerikaly Osten Smit bürünç medal gazandy.

Ilkinji gezek geçirilýän toparlaýyn skit ýaryşynda italiýaly Diana Bakosi bilen Gabriele Rossetti altyn, amerikaly Osten Smit bilen Winsent Hankok kümüş, hytaýly Şian Itin bilen Lýu Şianlin bürünç medala mynasyp boldy.

## ÝAÝDAN OK ATMAK

● **Ähli altyn medaly koreýler eýeledi.** Ýaýdan ok atmakda garyşyk jübütleýin ýaryşda Günorta Koreýanyň mergenleri ýeňiş gazandy. Wu Žin Kim bilen Si Hýeon Lim finalda germaniýaly Florian Unruh bilen Mişell Kropperini 6:0 hasabynda utdy. Hindistany ýeňen ABŞ bürünç medala mynasyp boldy. Koreýler şu ugurda Tokioda-da çempionlyk gazanypdy.



Wu Žin Kim

Ýekeleýin ýaryşlarda erkekleriň arasynda Wu Žin Kim finalda amerikaly Bredi Ellisony ýeňip (6:5), Paryždäki 3-nji, umumylykda 5-nji Olimpiýa altyn medalyny gazandy. 3-nji ýere başga bir koreýaly Wu Seok Li mynasyp boldy. Erkekleriň arasynda koreýler 2012-nji we 2016-njy ýyldan soň 3-nji gezek altyn medal gazanmagy başardy.

Zenanlaryň arasynda-da koreýaly türgen ýeňiji bolup, Si Hýeon Lim Paryždäki 3-nji altyn medalyny boýnuna dakdy. Ol finalda watandaşy Su Hýeon Namdan 7:3 hasabynda üstün çykdy. Bu ugurda koreýaly zenanlar 1984-nji ýyldan bäri diňe 2008-nji ýylda altyn medaly hytaýlylara aldyrdy. Parižde bürünç medala koreýaly Hun Ýun Žeony ýeňen fransiýaly Lisa Barbelin mynasyp boldy.

Umumylykda ýaýdan ok atmakda gowşurylan 5 altyn medaly-da koreýalylar almagy başardy. Şol bir wagtyň özünde kümüşdir bürünç medallaryň hem hersinden birini koreýaly mergenler gazandy.

## GÖREŞ

● **Bir ugurda yzly-yzyna 5 Olimpiadada çempionlyk gazanan ilkinji türgen.** Grek-rim göreşi boýunça 130 kg agramda ady eýýämden rowaýatylaryň hataryna goşulan kubaly Mihain Lopes bassyr 5-nji altyn medalyny gazandy. Kubaly türgen finalda çilili Ýasmani Akostany ýeňlişe sezewar etdi. 42 ýaşyny doldurmaga golaýlap barýan Mihain Lopes ýekeleýin görnüşde yzly-yzyna 5 Olimpiadada altyn medal gazanan ilkinji türgen hökmünde adyny taryha ýazdyrdy. Ol ýeňiş gazananyndan soň göreş aýakgabyny çykaryp, karýerasyny tamamlaýandygyny mälim etdi. Lopes Pekin 2008 hem-de London 2012-de 120 kg agram derejesinde, Rio 2016-da, Tokio 2020-de hem-de Pariž 2024-de 130 kg agram derejesinde altyn medal gazanyp, Olimpiýa oýunlarynda çempionlyga ýeten iň ýaşuly göreşiji diýlip hem hasaba alyndy.



Mihain Lopes

Bu agram derejesinde Parižde eýranly Amin Mirzazadeh bilen hytaýly Men Linçže bürünç medala mynasyp boldy.

Grek-rim göreşi boýunça 60 kg agram derejesinde erkekleriň arasynda ýaponiýaly Keniçiro Fumito finalda hytaýly Kao Lugiony ýeňip, altyn medala mynasyp boldy. Gyrgyzystanly Žolaman Şarşanbekow bilen Demirgazyk koreýaly Se Un Ri bürünç medala eýelik etdiler.

77 kg agram derejesinde-de altyn medaly ýaponiýaly türgen gazanyp, Nao Kusaka şu agramda ýurduna ilkinji çempionlygyny gazandyrdy. Gazagystanly Demeu Žadraýew kümüş, ermenistanly Malhas Amoýan bilen gyrgyzystanly Akžol Mahmudow bürünç medal aldylar.

97 kg agram derejesinde eýranly Mohammad Hadi Sarawi altyn, ermenistanly Artur Aleksanýan kümüş, kubaly Gabriel Rosillo bilen gyrgyzystanly Uzur Džuzupbekow bürünç medal gazandylar.

Erkin göreş boýunça zenanlaryň arasynda 50 kg agram derejesinde amerikaly Sara Hildebrandt altyn, kubaly Ýusneýlys Guzman kümüş, ýaponiýaly Ýui Sasaki bilen Fen Žiçi bürünç medala eýelik etdiler.

68 kg agram derejesinde amerikaly Amir Elot gyrgyzystanly Meerim Žumanazarowany ýeňip, altyn medaly eýeledi. Türkiýeli Buse Tosun Çawuşoglu bilen ýaponiýaly Nonoka Ozaki bürünç medal gazandylar.

## BADMINTON

● **Tokiodan soň Parižde-de münberiň çür depesinde.** Badminton boýunça ýekeleýin ýaryşda erkekleriň arasynda daniýaly Wiktor Akselsona Tokiodan soň Parižde-de taý tapylmady. Ol finalda tailandly Kunlawut Witidsamy 2:0 hasabynda utdy. Malaýziýaly Li Zi Žia bolsa bürünç medaly eýelemegi başardy.

Zenanlaryň arasynda Günorta Koreýanyň badmintonçysy Se Ýun An finalda hytaýly He Binžiaony 2:0 hasabynda ýeňip, bu ugurda 1996-njy ýyldan soň ýurduna ilkinji altyn medaly gazandyrdy. Bürünç medala indoneziýaly Gregoria Mariska Tunýun mynasyp boldy.



Wiktor Akselson

Jübütleýin ýaryşlaryň 2-sinde hytaýlylar, 1 bäsleşikde bolsa Hytaý Taýpeýiniň wekilleri ýeňiji boldy. Garyşyk jübütlerde Çžen Siwei bilen Huan Ýakion altyn, koreýaly Won Ho Kim bilen Na Eun Çon kümüş, ýaponiýaly Ýute Watanabe bilen Arisa Higaşino bürünç medal gazandy. Zenanlaryň arasyndaky jübütleýin ýaryşyň finalynda hytaýlylar özara duşuşyp, Çen Sinçen bilen Szýa Ifan altyn, Lýu Şenşu bilen Tan Nin kümüş medala mynasyp boldy. Münberiň 3-nji basgançagyna bolsa ýaponiýaly Nami Masuýama bilen Çiharu Şida çykdy.

Erkekleriň arasyndaky jübütleýin ýaryşyň ýeňijileri bu gezegem Hytaý Taýpeýiniň badmintonçylary Li Ýan bilen Wan Çi Lin boldy. Tokioda-da çempionlyk gazanan taýpeýliler finalda hytaýly Lian Weiken bilen Wan Çžan ikisini ýeňdi. Bürünç medal malaýziýaly türgenleriňki bolup, olar daniýaly badmintonçylardan üstün çykdy.

## ATÇYLYK SPORTY

● **32 ýyldan bäri medal gazanyp gelýär.** Atly gezelenç boýunça ýekeleýin ýaryşda Tokiodan soň Parižde-de germaniýaly zenan Jessika won Bredow-Werndl ýeňiş gazandy. Daniýaly Katerin Laudrup-Dufor kümüş, Tokio 2020-niň wise-çempiony germaniýaly Izabel Wert bu gezek bürünç medala mynasyp boldy. Toparlaýyn ýaryşda germaniýalylar altyn, daniýalylar kümüş, britaniýalylar bürünç medal gazandylar. Germaniýanyň topary bassyr 3-nji, soňky 11 Olimpiada-da 10-njy gezek ýeňiji boldy. Umumylykda bu olaryň 14-nji altyn medalydyr. Toparyň agzasy Olimpiýa oýunlaryndaky 8-nji altyn medalyny gazanyp, onuň 6 sany bürünç medaly hem bar. 1992-nji ýyldan bäri her Olimpiadada altyn medal gazanan 55 ýaşyndaky zenan çapyksuwar 7 dürli Olimpiýa oýunlarynda medal gazanan ilkinji türgen hökmünde hasaba alyndy. Ol 32 ýyldan bäri Olimpiýa oýunlarynda medal gazanyp gelýär we bu ugurda-da rekordyň eýesidir. Wert Atlanta 1996-da ýekeleýin ýaryşda-da altyn medal gazanypdy.



Izabel Wert

Konkur boýunça toparlaýyn ýaryşda Beýik Britaniýanyň çapyksuwarlary amerikalylardan hem-de fransiýaly türgenlerden öňe saýlandy. Britaniýalylar soňky gezek London 2012-de çempion bolupdylar. Bu olaryň 3-nji altyn medalydyr. Konkur boýunça ýekeleýin ýaryşda Kristian Kukuk ýeňiji bolup, 28 ýyldan soň ýurduna şu görnüşde altyn medal gazandyrdy. London 2012-niň çempiony şweýsariýaly Stiwe Guerdat kümüş, niderland Maikel wan der Wleuten bürünç medala mynasyp boldy.

## FEHTOWANIÝA

● **52 ýyldan soň altyn medal.** Erkekleriň arasyndaky toparlaýyn şpaga bäsleşiginde Wengriýanyň türgenleri ýaponlary ýeňip, 52 ýyldan soň 4-nji gezek Olimpiýa oýunlarynyň çempionlygyny gazandy. Geçen Olimpiadanyň çempiony ýaponlar bu gezek kümüş medal bilen oňňut etmeli boldular. Bu ugurda çehler bürünç medal gazandylar.



Zenanlaryň arasynda toparlaýyn rapira ýaryşynda ABŞ-nyň ýygyndysy finalda italiýaly fehtowaniýaçylary 45:39 hasabynda ýeňip, bu ugurda ilkinji altyn medallaryny gazandylar. Bürünç medala bolsa Kanadany 33:32 hasap bilen ýeňen ýaponlar mynasyp boldy.

Erkekleriň arasyndaky toparlaýyn rapira ýaryşynda Ýaponiýanyň ýygyndysy altyn, Italiýanyň ýygyndysy kümüş, Fransiýanyň ýygyndysy bürünç medala mynasyp boldy. Bu ýaponlaryň şu ugur boýunça ilkinji Olimpiýa çempionlygydyr.

Olimpiýa oýunlarynyň maksatnamasynda 4-nji gezek orun alýan zenanlaryň arasyndaky toparlaýyn sablýa ýaryşynda Ukrainanyň topary ýeňiş gazandy. Finalda Günorta Koreýadan üstün çykan ukrainler 2008-nji ýyldan soň 2-nji çempionlygyny baýram etdi. Bu ugurda 2016-njy we 2020-nji ýyllarda Russiýanyň türgenleri çempion bolupdy. Bürünç medala Ýaponiýanyň fehtowaniýaçy zenanlary mynasyp boldy.

## WELOSPORT

● **3 medaly-da fransuzlar aldy.** BMX ýaryşlarynda erkekleriň arasynda münberiň 3 basgançagyna-da fransiýaly türgenler çykmagy başardy. Žoris Dode altyn, Silwen Andre kümüş, Romen Maýýo bürünç medal gazandy. Zenanlaryň arasynda awstraliýaly Saýýa Sakakibara altyn, fransiýaly Manon Wenstra kümüş, şweýsariýaly Zoe Klassens bürünç medala mynasyp boldy.

Welosport boýunça ýol ýaryşynda erkekleriň arasynda belgiýaly Remko Ewenepoel altyn medal gazandy. Ol wagt ýaryşynda-da münberiň çür depesine çykypdy. Fransiýaly türgenler Walentin Madau bilen Kristof Laport degişlilikde, kümüşdir bürünç medallara mynasyp boldular. Zenanlaryň ýaryşynda amerikaly Kristen Folkner niderlandlardan Marianne Wos hem-de belgiýaly Lotte Kopekiden öňe saýlanmagy başardy.



Trek ýaryşlarynyň sprint görnüşinde toparlaýyn bäsleşikleriň çempionlary belli bolup, erkekleriň arasynda Niderlandlaryň ýygyndysy çempionlyk gazandy. Ýeňiş gazanan Wan den Berg, Lawreýsen hem-de Hoogland Tokioda-da çempion bolupdy. Beýik Britaniýa 2-nji, Awstraliýa 3-nji orny eýeledi.

Zenanlaryň arasynda K. Marçant, S. Keýpwell, E. Finukeýn dagydan düzülen britaniýaly türgenler altyn medala mynasyp boldy. Täze Zelandiýanyň türgenleri 2-nji, Germaniýanyň welosportçylary 3-nji orny eýeledi.

## GIMNASTIKA

● **Ýene-de Litwinowiç çempion boldy.** Gimnastikanyň batutdan bökmek görnüşinde erkekleriň arasynda Bitarap türgenler toparynyň wekili, belarusly Iwan Litwinowiç ýeňiş gazandy. Hytaýly gimnastikaçylar – Wan Zisai hem-de Ýan Lanýudan öňe saýlanan Litwinowiç Tokio 2020-de hem çempion bolupdy. Bu ugurda bassyr 3-nji gezek belarusly gimnastikaçylar ýeňiş gazanyp gelýär.



Iwan Litwinowiç

Zenanlaryň arasynda Tokioda bürünç medal gazanan britaniýaly Brýoni Peýj bu gezek altyn medala mynasyp boldy. Bitarap türgenler toparyndan belarusly Wioletta Bardilowskaýa kümüş, kanadaly Sofiane Metot bürünç medaly eýeledi. Tokio 2020-niň çempiony hytaýly Çžu Sýuein bu sapar 4-nji ýer bilen kanagatlanmaly boldy.

## STOL TENNISI

● Stol tennisi boýunça ýekeleýin ýaryşlarda erkekleriň arasynda dünýäniň 2-nji belgili tennisçisi, hytaýly Fan Çžendon altyn medal gazandy. Ol finalda sanawyň 1-nji belgilisi Wan Çusini 2-nji tapgyrda ýeňen şwesiýaly Truls Moregordy 4:1 hasabynda utup, 2-nji Olimpiýa çempionlygyny baýram etdi. Bürünç medala fransiýaly Feliks Lebrun mynasyp boldy.



Fan Çzendon

Zenanlaryň arasyndaky finalda-da 2 hytaýly tennisçi duşuşdy. Çžen Men bilen Sun Inşanyň arasyndaky duşuşykda bu sapar hem olaryň birinjisi ýeňiş gazanyp, bassyr 2-nji gezek çempion boldy. Çžen Men Tokioda-da Sun Inşany ýeňipdi. Bürünç medaly ýaponiýaly Nina Haýata gazandy.

## 3x3 BASKETBOL

● Şäher sportlarynyň hatarynda görkezilýän 3x3 basketbol boýunça erkekleriň arasynda Niderlandlaryň ýygyndysy finalda Fransiýany goşmaça wagtda 18:17 hasap bilen ýeňdi. Litwanyň ýygyndysy bolsa bu ýaryşda ilkinji Olimpiýa çempionyny, Tokio 2020-niň ýeňijisi Latwiýany utup (21:18), bürünç medaly eýeledi.



Zenanlaryň arasynda Germaniýanyň ýygyndysy Ispaniýadan 17:16 hasabynda üstün çykyp, altyn medal gazandy. Tokio 2020-niň çempiony ABŞ 3-nji ýer üçin geçirilen duşuşykda Kanadany 16:13 hasabynda ýeňip, bu sapar bürünç medal bilen kanagatlanmaly boldy.

## GOLF



● Golf boýunça erkekleriň arasyndaky ýaryşda amerikaly Skotti Şeffler ýeňiji boldy. Ol 265 utuk toplap, britaniýaly Tommi Flitwuddan hem-de ýaponiýaly Hideki Matsuýadan öňe saýlandy.

## KANOE

● Kanoe sportunyň slalom görnüşiniň erkekleriň arasyndaky K-1 bäsleşiginde italiýaly Jowanni De Jennaro altyn, fransiýaly Tituan Kastrik kümüş, ispaniýaly Pau Eçanis bürünç medala mynasyp boldy. Olimpiýa oýunlarynyň maksatnamasyna ilkinji gezek girizilen baýdarka-kross ýaryşynda erkekleriň arasynda Täze zelandiýaly Finn Batçer altyn, britaniýaly Jou Klark kümüş, germaniýaly Noa Hegge bürünç medal gazandy. Zenanlardan awstraliýaly Noemi Foks altyn, fransiýaly Anjele Hug kümüş, britaniýaly Kimberli Wuds bürünç medal gazanmagy başardy.

## SÖRFING

● Howa şertleri sebäpli ozalky bellenilen gününden birnäçe gün giç geçirilen sörfing ýaryşlarynda erkekleriň arasynda fransiýaly Kauli Waast altyn, awstraliýaly Jek Robinson kümüş, braziliýaly Gabriel Medina bürünç medal gazandy. Sörfing ýaryşlary Taitide geçirilip, zenanlaryň arasynda bu gezek hem amerikaly türgen ýeňiji boldy. Karolaýn Marks finalda braziliýaly Tatiana Weston-Webbden üstün çykmagy başardy. Bürünç medala-da fransiýaly Ýohanne Defaý mynasyp boldy. Sörfing ilkinji gezek Tokio 2020-de Olimpiýa oýunlarynyň maksatnamasyna girizilipdi.

## KÜREKLEMEK

● **Niderlandlar öňe saýlandy.** Küreklemek sportunda Niderlandlar 14 altyn medalyň 4-sini alyp, onuňam 3-sini zenanlar gazandylar. Rumyniýaly, britaniýaly hem-de Täze zelandiýaly türgenler 2 altyn medala eýelik etdiler. Niderlandlar bilen Beýik Britaniýa aýratynlykda jemi 8 medal bilen dolandylar.



Imke Klewering bilen Weronike Meester

Ýekeleýin ýaryşlarda erkekleriň arasynda germaniýaly Oliwer Zaýdler altyn, Bitarap türgenler toparyndan belarusly Ýewgeniý Zolotoý kümüş, niderlandlardan Simon Wan Dorp bürünç medal gazandy. Zenanlaryň arasynda Niderlandlardan Karolin Florein altyn, Tokio 2020-niň ýeňijisi Täze zelandiýaly Emma Tuigg kümüş, litwaly Wiktoriýa Senkute bürünç medala mynasyp boldy.

Jübütleýin bitaý kürekli bäsleşiklerde horwatiýaly doganlar Sinkowiçler Tokiodan soň Parižde-de münberiň iň ýokary basgançagyna çykdy. Martin hem-de Walent Sinkowiçler bassyr 2-nji altyn medalyny gazanyp, olar britaniýaly hem-de şweýsariýaly türgenlerden öňe saýlandy. Zenanlaryň arasynda Niderlandlardan Imke Klewering bilen Weronike Meester altyn medala mynasyp boldy. Rumyniýanyň hem-de Awstraliýanyň türgenleri kümüşdir bürünç medallary gazandylar.

Jübütleýin goşa kürekli ýaryşda erkekleriň arasynda rumyniýaly Andrea Kornea bilen Marian Enaçe altyn medaly eýelese, Niderlandlaryň hem-de Irlandiýanyň wekilleri 2-3-nji orunlary paýlaşdylar. Bu ugurda zenanlaryň bäsleşiginde Täze Zelandiýadan Bruk Fransis bilen Lusi Spurs 16 ýyldan soň ýurtlaryna şu görnüşde 3-nji altyn medalyny gazandyrdylar. Rumyniýanyň hem-de Beýik Britaniýanyň türgenleri 2-3-nji orunlara mynasyp boldular.



Martin we Walent Sinkowiç

Jübütleýin bitaý kürekli ýeňil agramdaky ýaryşda erkekleriň arasynda Tokio 2020-den soň ýene-de irlandiýaly Fintan MakKarti bilen Pol O'Donowan ýeňiş gazanyp, olar italiýaly hem-de gresiýaly türgenleri yzda galdyrdylar. Zenanlaryň arasynda Emili Kreýg hem-de Imojen Grant altyn medala mynasyp boldy. Rumyniýanyň türgenleri kümüş, Gresiýanyň türgenleri bürünç medal gazandy.

Dört adamly bitaý kürekli ýaryşda erkekleriň arasynda ABŞ, Täze Zelandiýa, Beýik Britaniýa, zenanlaryň arasynda bolsa Niderlandlar, Beýik Britaniýa hem-de Täze Zelandiýa degişlilikde, altyndyr kümüş we bürünç medallary eýelediler. Erkekleriň arasynda çempion bolan amerikanlar 84 ýyldan soň bu ugurda altyn medal gazanmagy başardy.

Dört adamly goşa kürekli ýaryşlarda erkekleriň arasynda Niderlandlar bassyr 2-nji altyn medalyny gazandy. Olar bu ugurda italýanlardan hem-de polýaklardan öňürti pellehana gelmegi başardy. Zenanlaryň arasyndaky bäsleşikde Beýik britaniýalylar taryhlaryndaky ilkinji Olimpiýa çempionlygyny gazandylar. Niderlandlar hem-de Germaniýa 2-3-nji orunlara mynasyp boldy.

Küreklemek ýaryşlarynyň iň esasy görnüşi hasaplanýan sekiz adamly bäsleşikde erkekleriň arasynda Beýik Britaniýanyň topary 2016-njy ýyldan soň, umumylykda-da 5-nji gezek Olimpiadanyň çempionlygyny gazandy. Niderlandlar kümüş, ABŞ bolsa bürünç medala mynasyp boldy. Zenanlaryň arasynda rumyniýalylar 20 ýyldan soň 4-nji altyn medalyny gazanyp, olar bu babatda amerikanlar bilen deňleşdiler. Tokio 2020-niň çempiony Kanada kümüş, şeýle-de, Beýik Britaniýa bürünç medala mynasyp boldy.

## SKEÝTBORDING

● Şäher sportlarynyň ýene biri bolan skeýtbordingiň park görnüşindäki ýaryşda hem erkekleriň, hem-de zenanlaryň arasynda awstraliýaly türgenler ýeňiji boldy. Erkekleriň arasynda Kigan Palmer Tokiodan soň Parižde-de altyn medal gazandy. Amerikaly Tom Şaar kümüş, braziliýaly Augusto Akio bürünç medala mynasyp boldy. Zenanlardan awstraliýaly Arisa Trýuw altyn, ýaponiýaly Kokona Hiraki kümüş, britaniýaly Skaý Brawn bürünç medaly eýeledi.



Kigan Palmer

## SUWA BÖKMEK

● Suwa bökmekde erkekleriň arasynda sinhronlaýyn 3 metr beýiklikdäki tramplinden bökmekde hytaýly Wan Szonýuan bilen Lon Daoi altyn medala mynasyp boldy. Wan Szonýuan Tokioda-da çempionlyk gazanypdy. Meksikaly Osmar Olwera bilen Huan Selaýa kümüş, britaniýaly Antoni Harding bilen Jek Lafer bürünç medaly eýeledi. Zenanlaryň arasyndaky 10 metr beýiklikdäki platformadan bökmekde Tokiodan soň Parižde-de Sýuan Hunçana taý tapylmady. Watandaşy Çen Ýuýsi ýene-de Tokiodaky ýaly kümüş medal bilen oňňut etmeli bolupdy. Bürünç medaly Demirgazyk Koreýanyň türgeni Mi Rae Kim gazanmagy başardy.



## TRIATLON

● Sportuň 3 görnüşini özünde jemleýän triatlonda garyşyk toparlaýyn ýaryşda Germaniýanyň türgenleri altyn, amerikalylar kümüş, Tokio 2020-niň çempionlary Beýik Britaniýa bürünç medal gazandy.



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# ÝÜZMEK

● **4-nji altyn medalyny-da Olimpiýa rekordy bilen aldy.** Täze Maýkl Felps hasaplanýan fransiýaly 22 ýaşyndaky ýüzüji Leon


Leon Marşan

Marşan Pariž 2024-de 4-nji altyn medalynyda boýnuna dakdy. Marşan 200 metre garyşyk ýüzmekde 1 minut 54,6 sekuntda pellehana gelip, altyn medala mynasyp boldy. Ol bu ugurda Maýkl Felpsiň Pekinde goýan rekordyny-da (01:54,23) täzelemegi başardy. Şol bir wagtyň özünde ol Ýewropanyň rekordyny hem täzeledi. Bu onuň Pariždäki 4-nji altyn medaly bolup, ol şol 4 altyn medaly-da Olimpiýa rekordyny goýup gazanmagyň hötdesinden geldi. Bu ugurda britaniýaly Dankan Skott kümüş, hytaýly Wan Şun bürünç medalyň eýesi boldy.

Erkekleriň arasynda 50 metre erkin ýüzmekde awstraliýaly Kameron MakEwoý altyn, britaniýaly Ben Praud kümüş, fransiýaly Floren Maluda bürünç medal gazandy.

200 metre arkanlaýyn ýüzmekde wengriýaly Hubert Kos altyn, gresiýaly Apostolos Kristou kümüş, şweýsariýaly Roman Mitýukow bürünç medala mynasyp boldy.

1500 metre erkin ýüzmekde amerikaly Robert Finke Tokiodan soň Parižde-de altyn medal gazanmagy başardy. 14 minut 30,67 sekuntda ýaryşy tamamlan Finke Dünýä rekordyny täzeledi. Italiýaly Gregorio Parltrinieri kümüş, irlandiýaly Daniel Wiffen bürünç medaly eýeledi.

100 metre kebelekleýin ýüzmekde kanadaly ýüzüjiler Joş Liendo hem-de Ilýa Harundan öňe saýlanan wengriýaly Kristof Milak ýeňiş gazandy.

4x100 metr erkin estafeta ýüzüşde garaşylmadyk netije hasaba alyndy. Bu ugurda amerikaly ýüzüjiler 40 ýyldan soň altyn medaly gazanyp bilmediler. 1960-njy ýyldan bäri maksatnamada bar bolan bu ugurda ABŞ diňe 1984-nji ýylda Awstraliýadan yza galypdy. 15 çempionlygy bolan ABŞ 40 ýyldan soňam altyn medaly hytaýlylara aldyryp, 2-nji orny eýeledi. Fransiýa bolsa bürünç medal gazandy.

Zenanlaryň arasynda 50 metre erkin ýüzmekde şwesiýaly Sara Şöström ýeňiji boldy. Ýarym finalda Olimpiýa rekordyny (23,66 sekunt) täzelän Şöström Parižde 100 metre erkin ýüzmekde-de öňe saýlanypdy. Awstraliýaly Meg Harris kümüş, hytaýly Çžen Ufei bürünç medala mynasyp boldy.

200 metre arkanlaýyn ýüzmekde awstraliýaly Kaýli MakKeown 2 minut 03,73 sekuntlyk görkeziji bilen Olimpiýa rekordyny täzeläp, altyn medaly eýeledi. Ol Tokioda-da altyn medal gazanypdy. Pariždäki 2-nji, umumylykda-da 5-nji altyn medalyny gazanan MakKeownyň 1 kümüş, 3 sany-da bürünç medaly bar. Amerikaly Regan Smit 2-nji, kanadaly Kaýli Masse 3-nji orny eýeledi.

200 metr brass ýüzüşde amerikaly Keýt Daglass altyn, Tokio 2020-niň çempiony Günorta afrikaly Tatýana Smit kümüş, niderland Tes Shouten bürünç medala mynasyp boldy.


Sammer MakIntoş

**17 ýaşynda 3 altyn, 1 bürünç medal gazandy**

● Olimpiýa oýunlarynyň ýyldyzlaryndan kanadaly 17 ýaşyndaky Sammer MakIntoş 200 metre kebelekleýin ýüzmekde Olimpiýa rekordyny goýdy (2:03,03). Amerikaly Regan Smitden, hytaýly Çžen Ufeiden öňe saýlanyp, altyn medal gazanan MakIntoş ýaşlaryň arasynda-da dünýä rekordyny täzelemegi başardy. Ýaş ýüzüji 200 metre garyşyk ýüzmekde-de Olimpiýa rekordyny täzeledi, hem-de ýaşlaryň arasynda dünýä rekordyny goýdy. Ol Parižden 3 altyn, 1 bürünç, jemi 4 medal bilen dolanmagy başardy. Bu ugurda amerikaly Keýt Duglas kümüş, awstraliýaly Kaýli MakKeown bürünç medal gazandy.

**Iň köp altyn medal gazanan 2-nji zenan**

● Amerikaly ýüzüji zenan Keýti Ledeki 800 metre aralyga erkin ýüzmekde altyn medala mynasyp boldy. Ol Olimpiýa oýunlaryndaky 9-njy altyn medalyny gazanyp, bu ugurda zenanlaryň arasynda rekordyň eýesi bolan russiýaly Larisa Latynina bilen deňleşdi. Ledeki Parižde 1500 metr ýaryşynda-da Olimpiýa rekordyny täzeläp, ýeňiji bolupdy. Onuň umumylykda 14 Olimpiýa medaly bar (4 kümüş, 1 bürünç). Ledeki bu 14 medaly 4 Olimpiýa oýunlarynda gazanmagy başardy. Jemi 18 Olimpiýa medaly bolan Latynina 3 Olimpiadada bu görkezijä ýetipdi. 800 metre ýüzmekde awstraliýaly Ariarne Titmus kümüş, amerikaly Peýj Madden bürünç medalyň eýesi boldy.


Keýti Ledeki

Zenanlaryň arasynda 4x100 metr garyşyk estafeta ýüzüşde ABŞ-ly ýüzüjiler Olimpiýa rekordyny goýup, altyn medaly eýeledi. Tokio 2020-niň çempionaty Awstraliýa 2-nji, hytaýlylar bolsa 3-nji orna mynasyp boldy.

Ikinji gezek maksatnamada bar bolan garyşyk estafeta 4x100 metr aralyga garyşyk ýüzmekde ABŞ dünýä rekordyny täzeläp, altyn medal gazandy. Hytaý 2-nji, Awstraliýa 3-nji orny eýeledi.

Ýüzmek ýaryşlarynda ABŞ 8 altyn, 13 kümüş, 7 bürünç medal gazanyp, sanawda 1-nji orny eýeledi. Awstraliýalylar 7 altyn, 8 kümüş, 3 bürünç, jemi 18 medal gazandylar. Fransiýa 4 altyn (4-sini hem Leon Marşan gazandy), 1 kümüş, 2 bürünç, jemi 7 medala eýelik etdi.

Ýüzmek ýaryşlarynda jemi 4 dünýä rekordy, 17 sany Olimpiýa rekordy goýuldy.

# Jokowiç kolleksiýasyny jemledi



**Parižde geçirilýän XXXIII tomusky Olimpiýa oýunlarynda tennis boýunça erkekleriň arasynda ýekeleýin ýaryşda serbiýaly Nowak Jokowiç taryhy çempionlyk gazandy. 37 ýaşyndaky tennisçi finalda ispaniýaly Karlos Alkarasy 7:6 (7:3) we 7:6 (7:2) hasaplar bilen ýeňip, karýerasyndaky ýeketäk ýetmeýän çempionlygy, Olimpiýa oýunlarynyň çempionlygyny baýram etdi. 37 ýaş bilen Olimpiýa oýunlarynda finala çykan we altyn medal gazanan iň ýaşuly tennisçi adyny alan 24 «Uly tuwalganyň» eýesi Jokowiç 99-njy birinjiligini gazandy. Pekin 2008-de bürünç medal eýelän Jokowiç tennisiň taryhynda «Altyn tuwalga» ýeten, ýagny ähli «Uly tuwalgalar» bilen bilelikde Olimpiýa çempionlygy gazanan 5-nji tennisçi hökmünde taryha girdi. Jokowiçden öň Andre Agassi, Şteffi Graf, Serena Williams hem-de Rafael Nadal 4 «Uly tuwalga» çempionlyklarynyň ýanyna Olimpiýa altyn medalyny hem goşupdylar. Jokowiç Olimpiýa altyn medalyna 6-njy synanyşygynda ýetmegi başardy.**

**Olimpiýa oýunlarynda finala çykan iň ýaş tennisçi adyny alan Karlos Alkaras soňky 2 «Wimbledon» ýaryşynyň finalynda ýeňen garşydaşyndan bu gezek asgyn geldi.**

**Pariž 2024-de erkekleriň arasynda bürünç medala italiýaly Lorenzo Muzetti mynasyp boldy.**

**Zenanlaryň arasyndaky ýekeleýin ýaryşyň finalynda hytaýly Çžen Sinwen bilen horwatiýaly Donna Wekiç duşuşyp, aziýaly tennisçi 6:2, 6:3 hasaplar bilen ýeňşini baýram etdi. Ol bu ugurda Olimpiýa oýunlarynda çempionlyk gazanan ilkinji hytaýly tennisçi boldy. 3-nji ýeri polşaly Iga Şwentek eýeledi.**

**Jübütleýin ýaryşlarda erkekleriň arasynda awstraliýaly Mattýuw Ebden bilen Jon Pirs finalda amerikaly Ostin Kraýiçek bilen Rajeew Ramy ýeňip, 1996-njy ýyldan soň ýurtlaryna şu görnüşde 2-nji altyn medallaryny gazandyrdylar. Amerikaly Teýlor Fritz bilen Tommi Pol bürünç medala mynasyp boldy.**

**Zenanlaryň arasyndaky jübütleýin bäsleşigiň çempiony italiýaly Sara Errani bilen Jasmin Paolini bolup, olar finalda Bitarap türgenler toparyndan, russiýaly Mirra Andreýewa bilen Diana Şnaýderi ýeňdiler (2:6, 6:1, 10:7). Ýeňiş münberiniň 3-nji basgançagyna bolsa ispanlar çykdy (Kristina Bukşa, Sara Sorribes Tormo).**

**Garyşyk jübütlerde çehiýaly Katerina Sinýakowa bilen Tomaş Mahaç altyn, hytaýly Wan Şinýu bilen Çžen kümüş, kanadaly**


100 metr ylgaw ýaryşy

● Ilkinji 12 günde jemi 81 ýurt azyndan 1 medal gazandy. Şolaryň 54-siniň azyndan 1 altyn medaly bar. Galan 4 günde medallar toplumynyň 111 sanysy öz mynasyplaryna gowşurylar. Futbol, woleýbol, basketbol, gandbol, woterpol, ot hokkeýi ýaly toparlaýyn ýaryşlaryň ýeňijileri-de şol 4 günüň içinde belli bolar.

**Pariž 2024 XXXIII tomusky Olimpiýa oýunlarynyň medal sanawy (27-nji iýul — 7-nji awgust aralygy)**

| No | Medal alan ýurtlar | Altyn | Kümüş | Bürünç | Jemi |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ABŞ | 27 | 35 | 32 | 94 |
| 2 | Hytaý | 25 | 23 | 17 | 65 |
| 3 | Awstraliýa | 18 | 12 | 11 | 41 |
| 4 | Fransiýa | 13 | 17 | 21 | 51 |
| 5 | Beýik Britaniýa | 12 | 17 | 20 | 49 |
| 6 | Günorta Koreýa | 12 | 8 | 7 | 27 |
| 7 | Ýaponiýa | 12 | 6 | 13 | 31 |
| 8 | Italiýa | 9 | 10 | 8 | 27 |
| 9 | Niderlandlar | 9 | 5 | 6 | 20 |
| 10 | Germaniýa | 8 | 5 | 5 | 18 |
| 11 | Kanada | 6 | 4 | 9 | 19 |
| 12 | Irlandiýa | 4 | 0 | 3 | 7 |
| 13 | Täze Zelandiýa | 3 | 6 | 1 | 10 |
| 14 | Rumyniýa | 3 | 4 | 1 | 8 |
| 15 | Wengriýa | 3 | 3 | 2 | 8 |
| 16 | Şwesiýa | 3 | 3 | 2 | 8 |
| 17 | Ukraina | 3 | 2 | 3 | 8 |
| 18 | Braziliýa | 2 | 5 | 7 | 14 |
| 19 | Ispaniýa | 2 | 3 | 6 | 11 |
| 20 | Horwatiýa | 2 | 1 | 3 | 6 |
| 21 | Kuba | 2 | 1 | 2 | 5 |
| 22 | Azerbaýjan | 2 | 1 | 0 | 3 |
| 23 | Belgiýa | 2 | 0 | 3 | 5 |
| 24 | Gonkong | 2 | 0 | 2 | 4 |
| 25 | Filippinler | 2 | 0 | 2 | 4 |
| 26 | Serbiýa | 2 | 0 | 0 | 2 |
| 27 | Ysraýyl | 1 | 4 | 1 | 6 |
| 28 | Gazagystan | 1 | 3 | 3 | 7 |
| 29 | Ýamaýka | 1 | 3 | 1 | 5 |
| 30 | Bitarap türgenler | 1 | 3 | 0 | 4 |
| 31 | Şweýsariýa | 1 | 2 | 4 | 7 |
| 32 | Tailand | 1 | 2 | 2 | 5 |
| 33 | Gruziýa | 1 | 2 | 1 | 4 |
| 34 | Daniýa | 1 | 2 | 0 | 3 |
| 35 | Gresiýa | 1 | 1 | 5 | 7 |
| 36 | Polşa | 1 | 1 | 4 | 6 |
| 37 | Keniýa | 1 | 1 | 3 | 5 |
| 38 | Günorta Afrika | 1 | 1 | 2 | 4 |
| 39 | Çili | 1 | 1 | 0 | 2 |
| 40 | Ekwador | 1 | 1 | 0 | 2 |
| 41 | Sent-Lýusiýa | 1 | 1 | 0 | 2 |
| 42 | Uganda | 1 | 1 | 0 | 2 |
| 43 | Hytaý Taýpeýi | 1 | 0 | 4 | 5 |
| 44 | Eýran | 1 | 0 | 2 | 3 |
| 45 | Özbegistan | 1 | 0 | 2 | 3 |
| 46 | Çehiýa | 1 | 0 | 1 | 2 |
| 47 | Gwatemala | 1 | 0 | 1 | 2 |
| 48 | Norwegiýa | 1 | 0 | 1 | 2 |
| 49 | Alžir | 1 | 0 | 0 | 1 |
| 50 | Argentina | 1 | 0 | 0 | 1 |
| 51 | Bahreýn | 1 | 0 | 0 | 1 |
| 52 | Dominika | 1 | 0 | 0 | 1 |
| 53 | Marokko | 1 | 0 | 0 | 1 |
| 54 | Sloweniýa | 1 | 0 | 0 | 1 |
| 55 | Demirgazyk Koreýa | 0 | 2 | 3 | 5 |
| 56 | Ermenistan | 0 | 2 | 1 | 3 |
| 57 | Meksika | 0 | 2 | 1 | 3 |
| 58 | Efiopiýa | 0 | 2 | 0 | 2 |
| 59 | Gyrgyzystan | 0 | 1 | 3 | 4 |
| 60 | Türkiýe | 0 | 1 | 3 | 4 |
| 61 | Litwa | 0 | 1 | 2 | 3 |
| 62 | Kosowo | 0 | 1 | 1 | 2 |
| 63 | Tunis | 0 | 1 | 1 | 2 |
| 64 | Kolumbiýa | 0 | 1 | 0 | 1 |
| 65 | Kipr | 0 | 1 | 0 | 1 |
| 66 | Fiji | 0 | 1 | 0 | 1 |
| 67 | Mongoliýa | 0 | 1 | 0 | 1 |
| 68 | Hindistan | 0 | 0 | 3 | 3 |
| 69 | Täjigistan | 0 | 0 | 3 | 3 |
| 70 | Dominikan Resp. | 0 | 0 | 2 | 2 |
| 71 | Malaýziýa | 0 | 0 | 2 | 2 |
| 72 | Moldowa | 0 | 0 | 2 | 2 |
| 73 | Awstriýa | 0 | 0 | 1 | 1 |
| 74 | Kabo Werde | 0 | 0 | 1 | 1 |
| 75 | Müsür | 0 | 0 | 1 | 1 |
| 76 | Grenada | 0 | 0 | 1 | 1 |
| 77 | Indoneziýa | 0 | 0 | 1 | 1 |
| 78 | Peru | 0 | 0 | 1 | 1 |
| 79 | Portugaliýa | 0 | 0 | 1 | 1 |
| 80 | Slowakiýa | 0 | 0 | 1 | 1 |
| 81 | Zambiýa | 0 | 0 | 1 | 1 |

## 0,005 SEKUNT ÖŇÜRTI GELDI

● **Jemi 48 altyn medalyň gowşurylјak sport ugry ýeňil atletikada ilkinji 7 günde 25 görnüşiň ýeňijileri belli boldy.**

Erkekleriň arasynda 100 metr ylgawda amerikaly Noa Laýlz ýeňiji bolup, altyn medal 20 ýyldan soň ABŞ-ly türgenlere gaýdyp geldi. 0,005 sekuntlyk aratapawut bilen 2-nji ýeri eýelän ýamaýkaly Kişane Tompson kümüş, başga bir amerikaly Fred Kerli bürünç medala mynasyp boldy. 400 metr ylgawda-da amerikaly Kuinsi Holl altyn, britaniýaly Mattýuw Hadson-Smit kümüş, zambiýaly Muzala Samukongo bürünç medaly eýeledi. 1500 metr ylgawda garaşylmadyk ýagdaýda amerikaly Koul Hoker Olimpiýa rekordyny täzeläp, altyn medala mynasyp boldy (3:27,65 minut). Britaniýaly Joş Kerr kümüş, amerikaly Ýared Nuguse bürünç medal aldy. Soňky çempion, rekordyň ozalky eýesi Ýakob Ingebrigtsen 4-nji ýer bilen oňňut etmeli boldy. 10000 metr ylgawda ugandaly Joşua Çeptegei 26 minut 43,14 sekuntda ýaryşy tamamlap, Olimpiýa rekordyny goýdy we altyn medaly gazandy. Päsgelçilikli 3000 metre ylgamakda marokkoly Sofian El Bakkali bassyr 2-nji gezek Olimpiadanyň çempionlygyny gazandy. 20 km ýöriş ýaryşynda ekwadorly Braýan Pintado bu ugurda ýurduna 28 ýyldan soň altyn medal gazandyrdy. Dünýä çempiony, ispaniýaly Alwaro Martin bürünç medala mynasyp boldy.


Noa Laýlz

## 9-njy DÜNÝÄ REKORDY

● Syrykly bökmekde şwesiýaly Arman Duplantis 6,25 metr beýiklige böküp, dünýä rekordyny täzeledi. Aprel aýynda 6,24 metre beýiklige böken Duplantis 9-njy gezek rekordy täzelemegi başardy. Bu onuň bassyr 2-nji altyn medalydyr. Uzynlygyna bökmekde gresiýaly Miltiadis Tentoglu Tokiodan soň Parižde-de özüniň taýsyzdygyny görkezdi. Ýamaýkaly Weýn Pinnok kümüş, italiýaly Mattia Furlani bürünç medala eýelik etdi.




## YZLY-YZYNA 3-nji ALTYN MEDALY

● Gülle iteklemekde amerikaly Raýan Krauzer bassyr 3-nji gezek çempionlygyny goramagy başardy. Ol bu ugurda muny başaran ýeňil atletikaçy boldy. Watandaşy Jou Kowaç hem bassyr 3-nji gezek kümüş medal gazandy. Ýamaýkaly Rajindira Kampbell bürünç medaly eýeledi. Disk zyňmakda ýamaýkaly Roje Stona 70 metrlik görkezijisi bilen altyn medalynyň üstüni Olimpiýa rekordy bilen ýetirdi. Ol bu ugurda altyn medal gazanan ilkinji ýamaýkaly türgendir. Dünýä rekordynyň eýesi litwaly Mikolas Alekna kakasynyň 2000-nji hem-de 2004-nji ýylda gazanan çempionlyklaryny gaýtalamak başartmady. Ýekedaban zyňmakda kanadaly Itan Katzberg wengriýaly Bense Halasdan hem-de ukrainaly Mihailo Kokandan öňe saýlanyp, bu ugurda ýurduna ilkinji altyn medaly gazandyrdy. 10 görnüşli dekatlonda norwegiýaly Markus Rut germaniýaly Leo Neugebauerden hem-de grenadaly Lindon Wiktordan köp utuk toplady.


Raýan Krauzer

## ILKINJI OLIMPIÝA MEDALLARY

● Zenanlaryň arasynda 100 metre ylgamakda Sent-Lýusiýa döwletiniň türgeni Ýulien Alfred 10,72 sekuntda pellehana gelip, altyn medala mynasyp boldy. Bu Sent-Lýusiýa döwletiniň Olimpiýa oýunlarynyň taryhyndaky ilkinji medal hökmünde hasaba alyndy. Ýaryşyň esasy dalaşgärlerinden ŞaKarri Riçardson (ABŞ) 2-nji, Melissa Jefferson (ABŞ) 3-nji orny eýeledi. 200 metr ylgawda amerikaly Gabrielle Tomas altyn, sent-lýusiýaly Ýulien Alfred kümüş, amerikaly Brittani Brawn bürünç medal gazandy. 800 metr ylgawda britaniýaly Kili Hojkinson bu gezek altyn medala mynasyp boldy. Ol Tokioda kümüş medal alypdy. 5000 metre ylgamakda keniýalylar – Beatris Çebet altyn, Fait Kipýegon kümüş, Tokio 2020-niň çempiony niderland Sifan Hassan bürünç medala mynasyp boldy. Päsgelçilikli 3000 metr ylgawda bahreýnli Winfred Ýawi Olimpiýa rekordyny goýup (8:52,76 minut) altyn medaly eýeledi.


Ýulien Alfred

## ILKINJI ÇEMPIONLYKLARY

● Beýikligine bökmekde, golaýda 37 ýyllyk dünýä rekordyny täzelän ukrainaly Ýaroslawa Maguçih ilkinji Olimpiýa çempionlygyny baýram etdi. Ol Tokioda bürünç medal gazanypdy. Parižäki ýaryşda awstraliýaly Nikola Olislagers kümüş medala mynasyp boldy. Awstraliýaly Eleanor Patterson bilen ukrainaly Irina Geraşenko bürünç medaly paýlaşdylar. Syrykly bökmekde awstraliýaly Nina Kennedi altyn, Tokio 2020-niň çempiony amerikaly Keýti Mun kümüş, kanadaly Alişa Nýuman bürünç medal gazandy. Üçürdikläp bökmekde Dominika döwletiniň türgeni Tea LaFond altyn medala mynasyp boldy. Bu Dominika döwletiniň Olimpiýa oýunlarynyň taryhyndaky ilkinji medalydyr. Ýamaýkaly Şanieka Rikketts kümüş, amerikaly Jasmin Mur bürünç medalyň eýesi boldy. Disk zyňmakda amerikaly Walarie Ollman bassyr 2-nji Olimpiýa çempionlygyny gazandy. Hytaýly Fen Bin kümüş, London 2012-niň hem-de Rio 2016-nyň çempiony horwatiýaly Sandra Elkasewiç bürünç medala mynasyp boldy. Ýekedaban zyňmakda kanadaly Kamryn Rojers münberiň iň ýokary basgançagyna çykyp, Anita Wlodarçigiň çempionlyklaryna soňky nokady goýdy. Amerikaly Anet Eçikunwoke kümüş, hytaýly Çžao Szie bürünç medal gazandy. Mundan öňki 3 Olimpiadanyň çempiony polşaly Anita Wlodarçik bu gezek 4-nji ýer bilen oňňut etmeli boldy.


Ýaroslawa Maguçih

Toparlaýyn ýaryşlarda 4x400 metr garyşyk estafeta ylgawynda Femke Boluň soňky 100-150 metrde görkezen taryhy erjelliginiň saýasynda Niderlandlar altyn, ABŞ kümüş, Beýik Britaniýa bürünç medal gazandy. Olimpiýa oýunlarynyň maksatnamasynda ilkinji gezek hasaba alynýan marafon estafeta ýörişinde ispaniýalylar – Alwaro Martin bilen Maria Peres altyn medala mynasyp boldy. Bu ugurda Ekwador 2-nji, Awstraliýa 3-nji orny eýeledi.


Kili Hojkinson

# 2-nji SAÝLAMA TAPGYRYŇ 1-nji DUŞUŞYKLARY GEÇIRILDI

UEFA Çempionlar Ligasynda 3-nji saýlama tapgyryň 1-nji duşuşyklary geçirildi. Azerbaýjanyň çempiony «Garabag» öz meýdançasynda «Ludogores» toparyndan 2-1 hasabynda asgyn geldi. Öz meýdançasynda utulan toparlaryň ýene biri-de Polşanyň çempiony «Ýagelloniýa» topary bolup, Norwegiýanyň «Bude-Glimt» topary Dueguesiň awtogoly esasynda iň kiçi hasap bilen ýeňiş gazanmagy başardy. Slowakiýanyň «Bratislawa» topary Kipriň APOEL toparyny Petrowiç (71 ö.d.) hem-de Makyň (90+4) gollary bilen, Daniýanyň «Midtýullan» topary-da Wengriýanyň çempiony «Ferenswaroşy» Buksa (17) hem-de Džunyň (69) gollary esasynda 2–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Çehiýanyň «Sparta Praga» topary bilen Rumyniýanyň FKSB toparlarynyň (Olatunsi 78 – Dawa 61) hem-de Şwesiýanyň «Malmö» topary bilen Gresiýanyň PAOK toparynyň (Ýansson 28, Nanasi 67 – Taison 42, Rahman 75) arasyndaky duşuşyklarda ýeňiş gazanan bolmady.

Çempion däl klublaryň arasynda Praganyň başga bir kluby «Slawiýa» öz meýdançasynda Belgiýanyň «Ýunion Sent-Žilluaz» toparyny Çori (2) hem-de Dorliniň gollary bilen 3-1 hasabynda ýeňdi. Fransiýanyň «Lill» topary-da öz meýdançasynda Türkiýäniň wise-çempiony «Fenerbahçeni» kabul edip, soňky minutda ýeňiş gazanmagy başardy. 2-1 hasabynda ýeňiş gazanan fransuz klubunyň gollaryny Oosterwolde (12 ö.d.) bilen Žegrowa (90+1), türk toparynyň goluny bolsa Kahweji (80) geçirdi. Polşada «Reýnjers» bilen duşuşan Kiýewiň «Dinamosy» Ýarmolenkonyň 37-nji minutdaky goly bilen öňe geçse-de, 90+4-nji minutda ýeňşi elden giderdi. Şotland klubunyň goluny Dessers öz adyna ýazdyrdy. «RB Salsburg» topary-da Kergoryň gollary bilen «Twenteden» 2-1 hasabynda üstün çykdy. Jogap duşuşyklarynyň ählisi-de 13-nji awgustda oýnalar.


«Slawiýa Praga» – «Ýunion Sent Žilluaz»

► 2-nji saýlama tapgyryň 1-nji duşuşyklarynyň netijeleri: «Garabag» (Azerbaýjan) – «Ludogores» (Bolgariýa): 1-2, «Slowan Bratislawa» (Slowakiýa) – APOEL (Kipr): 2-0, «Sparta Praga» (Çehiýa) – FKSB (Rumyniýa): 1-1, «Malmö» (Şwesiýa) – PAOK (Gresiýa): 2-2, «Midtýullan» (Daniýa) – «Ferenswaroş» (Wengriýa): 2-0, «Ýagelloniýa Belostok» (Polşa) – «Bude-Glimt» (Norwegiýa): 0-1; «Slawiýa Praga» (Çehiýa) – «Ýunion Sent Žilluaz» (Belgiýa): 3-1, «Lill» (Fransiýa) – «Fenerbahçe» (Türkiýe): 2-1, «Dinamo Kiýew» (Ukraina) – «Reýnjers» (Şotlandiýa): 1-1, «Red Bull Salsburg» (Awstriýa) – «Twente» (Niderlandlar): 2-1

**3-nji tapgyryň bijeleri (20-21-nji, 27-28-nji awgust):**

**Çempion toparlar:** «Ýang Boýz» (Şweýsariýa) — «Galatasaraý» (Türkiýe), «Dinamo Zagreb» (Horwatiýa) — «Garabag» (Azerbaýjan)/«Ludogores» (Bolgariýa), «Midtýullan» (Daniýa)/«Ferenswaroş» (Wengriýa) — «Slowan Bratislawa» (Slowakiýa)/APOEL (Kipr), «Ýagelloniýa Belostok» (Polşa)/«Bude-Glimt» (Norwegiýa) — «Srwena Zwezda» (Serbiýa), «Malmö» (Şwesiýa)/PAOK (Gresiýa) — «Sparta Praga» (Çehiýa)/FKSB (Rumyniýa); **Çempion däl toparlar:** «Lill» (Fransiýa)/«Fenerbahçe» (Türkiýe) — «Slawiýa Praga» (Çehiýa)/«Ýunion Sent-Žilluaz» (Belgiýa), «Dinamo Kiýew» (Ukraina)/«Reýnjers» (Şotlandiýa) — «Red Bull Salsburg» (Awstriýa)/«Twente» (Niderlandlar).